TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

MAGTYMGULY ADYNDAKY TÜRKMEN DÖWLET UNIWERSITETI

M.Hudaýýarow, S.Rejepow

# Syýasy geografiýa we geosyýasat

Ýokary okuw mekdepleriniň talyplary üçin
okuw gollanmasy

Türkmenistanyň Bilim ministrligi
tarapyndan hödürlenildi

Aşgabat – 2010

**OUT 01.08/00-09**

M.Hudaýýarow, S.Rejepow

Syýasy geografiýa we geosyýasat. Okuw gollanmasy.

Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti

*Syn ýazanlar:* geografiýa ylymlarynyň kandidaty T.Babaýewa
geografiýa ylymlarynyň kandidaty A.Magtymow

2010-njy ýyl. 92 sah.

Türkmenistanyň Bilim ministrligi tarapyndan hödürlenildi.

Ylmy redaktor: geografiýa ylymlarynyň kandidaty,
A.Magtymow

## Giriş.

Adamzat üçünji müňỳyllyga görülip-eşidilmedik ylmy-tehniki mümkinçilikler we örän ỳitileşen umumydünỳä meseleleri bilen girdi. Häzirki döwürde dünỳäniň syỳasy kartasynda 230-dan gowrak döwlet bolup, olaryň 192-si özbaşdak, garaşsyz döwlet hasaplanỳar. Dünỳäniň syỳasy kartasynyň döremegi gözbaşyny müňỳyllyklardan alỳan durmuş-ykdysady hadysadyr. Ol birnäçe jemgyỳetçilik-ykdysady formasiỳalary öz içine alyp zähmetiň jemgyỳetçilik bölünişi, hususy eỳeçiligiň ỳüze çykmagy we jemgyỳetiň synplara bölünmegi netijesinde emele geldi.

Dünỳäniň syỳasy kartasy özara uruşlar, konfliktler we parahatçylykly şertnamalar netijesinde üỳtgäp durỳar. Döwletler belli bir taryhy wagtyň dowamynda dargaỳarlar we bileleşỳärler, döwletleriň gurluşy we dolandyryş görnüşleri üỳtgeỳär. Netijede döwletleriň meỳdan-çäkleri azalỳar ỳa-da köpelỳär, döwletleriň atlary we paỳtagt şäherleri üỳtgeỳär.

Şonuň üçin, Syỳasy geografiỳa häzirki döwürde, ỳurtlaryň dünỳäniň syỳasy kartasyndaky ornuny we syỳasy-dolandyryş gurluşyny şöhlelendirmän, eỳsem, olaryň tebigy, ykdysady şertlerine we baỳlyklaryna, halklarynyň ỳerleşişine we ỳaỳraỳşyna geografiki nukdaỳ nazardan seljerme berỳär. Haçanda, dünỳäniň syỳasy kartasyny, dünỳä ỳurtlarynyň arasyndaky aragatnaşyklaryny, halklaryň ỳerleşişini, döwlet serhetleriniň geçirilişini oňat bilseň, onda mümkin boljak konfliktli territoriỳalara giňişleỳin baha berip bolar.

Häzirki döwürde, dünỳä döwletleriniň ösüşinde bolup geçen we geçỳän mukdar we hil özgerişlikler dürli häsiỳete eỳedir. Döwletleriň bir bölegi-harby hereketler esasynda ỳerleri basyp almak, döwletleriň meỳletin eglişik etmekligiň netijesinde territoriỳa edinmek bilen baglanyşykly mukdar üỳtgeşmeleridir. Hil üỳtgeşmeleri, adatça, territoriỳanyň üỳtgemegine getirmeỳär. Olaryň mazmuny bir jemgyỳetçilik –

ykdysady formasiýanyň beýlekisini çalyşmagy, öňki kolonial ýurtlaryň döwlet özbaşdaklygyna eýe bolmagy bilen baglanyşyklydyr. Kä halatlarda mukdar üýtgeşmeleri hil üýtgeşmelerine sebäp bolýar. Şonuň üçin mukdar üýtgeşmeler köp derejede öz ornuny hil üýtgeşmelere berýär.

Şeýlelikde, dünýäniň häzirki zaman syýasy kartasy adamzat jemgyýetiniň ösüşiniň birnäçe müňýyllyklarynyň netijesi bolup, ýurtlaryň arasyndaky territorial dawalarynyň, halkara dejelleriniň parahatçylykly kadalaşdyrylan, özara dostlukly gatnaşyklaryň ýola goýlan ýurtlarynyň jemidir.

## I. Dersiň maksady we wezipeleri.

Geografiýa ylmynyň häzirki zaman esasy şahalarynyň biri “Syýasy geografiýa” hasaplanýar. Syýasy geografiýanyň dersi – döwletleriň durmuş-syýasy gurluşyny, umuman alanda, jemgiýetiň syýasy ýaşaýşynyň giňişlikler boýunça guralyşyny (araçäklerini, syýasy-ýerli bölünişigini), syýasy güýçleriň ýerlerde jemlenişini, milletleriň, halklaryň synpy ýagdaýyny, öndüriji güýçleriň we önümçilik gatnaşyklaryň geografiki aýratynlyklaryny öwrenýär.

Syýasy geografiýa – taryh, syýasaty öwreniş, filosofiýa we sosiologiýa ylymlary bilen baglanyşykly. Emma syýasy geografiýa bilen geografiýa ylmy ir döwürlerden bäri gyzyklanyp gelipdir. Bu ugurdan edilen ylmy işler köp.

-Syýasy geografiýada döwleti syýasy-geografiki nukdaý nazardan öwrenmeklige esasy orun degişlidir. Syýasy geografiýa dölwetiň jemgiýetçilik aýratynlyklaryny we dölwet gurluşyny, syýasy-dolandyryş özboluşlylygyny, içki we daşky syýasatyny onuň ykdysady ýagdaýy bilen baglanyşdyryp öwrenýär.

-Döwletleriň syýasy-geografiki ýerleşişini, olaryň özara gatnaşyklaryny, dünýä ummanlaryny, kosmos giňişliklerini özleşdirmekde ýer ýüzünde ykdysady we syýasy güýçleriň goýluşyny, hem-de ýerleşişini;

-Döwlet çäginiň döreýşini, onuň düzümini, dölwet araçäklerini;

-Döwletde ýaşaýan milletiň, halkyň durmuş-synpy, we milli düzümini, synplaryň ýagdaýyny, halklaryň, milletleriň meýdan-çäkde ýerleşiş aýratynlyklaryny;

-Syýasy partiýalary, jemgiýetçilik guramalary, döwletiň syýasy we ykdysady durmuşyna olaryň edýän täsirini;

-Dünýäniň syýasy we ykdysady kartasynyň üýtgeýşini, halkara guramalary, birleşikleri öwrenýär.

Syýasy geografiýanyñ hünärmenleri öz barlaglarynda dölwetiň häzirki zaman içki we daşky araçäklerine, dolandyryş-çäk bölünişigine, köp milletli dölwetlerde federalizm meselelerine uly üns berýärler. Öň belläp geçişimiz ýaly dünýäniň syýasy kartasynyň üýtgemegi hem özboluşly ýagdaý. Şol karta syn etseň her bir dölwetiň özboluşly syýasy geografiki emele gelişi we ýerleşişi bar. Döwlet araçäkleri kähalatlarda daşarky ykdysady we syýasy gatnaşyklara böwet, ýa-da aragatnaşyk çyzygy bolup hyzmat edýärmi?

Dünýäniň syýasy kartasy döwre görä çalt üýtgeýän wagtlary hem bolýar. Täze garaşsyz döwletler emele gelýärler. Olaryň syýasy hukuk ýagdaýy hem üýtgeýär. Käbir dölwetler bir-biri bilen birleşýärler, tersine käbir halklar, halkyýetler özbaşdak bolmak üçin göreş alyp barýarlar. Şeýlelikde, ol döwletleriň atlary, meýdany, araçäkleri, döwleti dolandyryş ulgamynyň hem özgermegi mümkin.

Soňky döwürde täze syýasy geografiki özgermeleriň biri 80-nji ýyllaryň ahyrynda, 90-njy ýyllaryň başynda syýasy geografiýany öwrenijileriň ünsüni özüne çeken meseleleriň biri SSSR-iň dargamagy boldy.

-Onuň dargamagy netijesinde onuň ornuna 15 sany özbaşdak döwletler emele geldiler. Olarda täze döwlet gurluşy, özaralarynda özboluşly aragatnaşyk we dünýä döwletleri bilen halkara ykdysady gatnaşyklary döredi.

-SSSR-iň dargamagy bilen Merkezi we Gündogar Ýewropa döwletlerinde sosialistik ulgam (sistema) dargady. Ol döwletleriň halklarynyň durmuşynda uly özgertmeler bolup geçdi.

-Warşawa şertnamasyna gatnaşyjy döwletleriň harby guramasy we Özara ykdysady kömek soweti dargady. Öňki harby dartgynlylyk düýbinden gowşady. Ýewropa, Aziýa, Amerika döwletleriniñ arasynda syýasy, ykdysady gatnaşyklar gowulandy.

-Köp ýyllaryň dowamynda bar bolan "Sowuk uruş" syýasaty aradan aýryldy. Bir-birlerine düşünişýän bütündünýä ulgamlar "Gündogar-Günbatar" we "Günorta-Demirgazyk" emele geldiler.

-Iki Germaniýa döwleti birleşdi, soňra ykdysady mümkinçilikleri gowulandy we halkara täsiri güýçlendi.

-Ýugoslawiýa federatiw sosialistik respublikasy dargap onuň çäginde 5 sany özbaşdak döwletler emele geldiler. Emma Ýewropanyň şu böleginde çylşyrymly syýasy ýagdaý biziň günlerimizde hem saklanýar.

Syýasy geografiýada ýene-de esasy ugurlaryň biri syýasy wakalaryň dünýä hojalygyna, ilatyň bütündünýä, ýerli we sebitara göçüp-gonuş hereketlerine edýän täsirini, dünýäniň syýasy taýdan çylşyrymly, baş alyp çykmasy kyn bolan sebitlerini öwrenýär.

Soňky ýyllarda ykdysady taýdan ösen döwletlerde syýasy geografiýanyň çalt ösýän ugry **elektoral geografiýa** (saýlawlaryň geografiýasy) hasaplanylýar. Bu ugur döwletiň çäginde dürli edaralara, guramalara ýolbaşçy wezipelere saýlawlaryň geçişini seljerýär, öwrenýär. Ol geçirilýän saýlawlara syýasy partiýalaryň, birleşmeleriň, güýçleriň (profsoýuzlaryň, köpçülikleýin guramalaryň we habar beriş serişdeleriň) täsiriniň güýçlidigi hemmä aýandyr.

Saýlaw hasaba alyş maglumatlaryň, durmuş-ykdysady we ykdysady-geografiki häsiýetnamalaryň esasynda syýasy-geografiki taýdan raýonlaşdyryp bolýar. Elektoral geografiýanyň (saýlaw geografiýasynyň ) esasy öwrenýän meseleleriniň biri hökmünde hususy geoulgamyň bir bölegi bolup **ýerli elektoral ulgam** ýüze çykýar. Ýaşaýan ýeri bolan, ykdysady, medeni, syýasy garaýyşlary dogry gelýän ilatly meýdan-çägi özüne birikdirýär. Käbir ilatly mesgenleriň, etraplaryň, ülkeleriň, welaýatlaryň saýlawçylarynyň ähliumumy bähbidi ýüze çykmagy mümkin.

Ilatyň saýlawlarda özüni nähili alyp barjakdygynyň taslamasyny düzmek üçin, sebitlerde saýlawyň öňüsyrasynyň ýagdaýyny görkezýän geografiki faktorlary göz öňüne tutmaly bolýar. Geofaktorlaryň arasynda hususy – (ýaşy, jynsy, milli düzümi, şäherleşiş ýagdaýy, ilatyň tebigy hereketi) we köptaraplaýyn, ýagny sebitde durmuş-ykdysady ýagdaýlar göz öňünde tutulýar. Köpmilletli sebitlerde, döwletlerde demokratik düzgünler doly berjaý edilmese milletleriň aralarynda agzalalyklar ýüze çykmagy mümkindir.

Russiýada, Hindistanda, Indoneziýa-da we beýleki köpmilletli döwletlerde milletleriň etnosyýasy geografiýasyna köp üns berilýär. Köpmilletli döwletlerde ýüze çykýan milletara çaknyşyklaryň geografiýasyny, onuň sebäplerini öwrenmeklik syýasy geografiýanyň paýyna düşýär. S.B.Lawrowyň we N.M. Meżewiçiň (sah. 7) pikirlerine görä "Millet-syýasy geografiýanyň adaty obýekti hasaplanýar. Şeýlelikde, **milleti lokomotiw hasap etsek syýasy-geografiki meseleler oňa ykjam berkidilen wagonlardyr".**

Syýasy geografiýa taryh we beýleki ylymlar bilen hyzmatdaşlykda käbir meýdan-çäkleriň we milli-syýasy, ykdysady, dolandyryş araçäklerini hem öwrenýär. Syýasy geografiýada daşary ykdysady gatnaşyklaryň syýasy-geografiki ýagdaýlaryna hem uly üns berilýär.

Häzirki döwürde derwaýys meseleleriň biri bolan sebitara syýasaty (politiçeskiý regionalizm), ýagny döwletiň çäginde, ondan aýrylman özbaşdaklygy isleýän syýasy hereketleri hem syýasy geografiýa öwrenýär. Bu hereket soňluk bilen **separatizme** - (ýagny haýsy-da bolsa bir çägiň, onda ýaşaýan milletiň-döwletiň düzüminden doly aýrylmagy islemegidir) öwrülmegi mümkindir. Muňa mysal Eritreýa ( Efiopiýadan aýryldy), Sloweniýa, Horwatiýa, Makedoniýa, Bosniýa we Gersegowina (Ýugoslawiýadan), Kwebek prowinsiýanyň Kanadadan, Çecenistanyň Russiýanyň düzüminden aýrylmak islemegidir. Separatizmiň aslynda milli we toparlaýyn dawaly

meseleler durýarlar. D.W.Zaýas (1998) “Separatizmiň häzirki zaman ojaklary” diýen işinde (s.11-14) 49 sany separatizmiň iri ojaklaryny görkezýär. Bu merkezler sebitara dawalar bilen baglanşykly bolup özboluşly häsiýete eýedir. Olar ýakyn geografiki dawalar bilen baglanyşykly. Bu meňzeşlik: 1.geografiki goňşuçylyk bilen; 2.milli-medeni umumylyk bilen; 3.ýeke-täk siwilizasion fundament bilen (hristian, yslam, buddizm – induizm we beýlekiler); 4.taryhy ösüş aýratynlyklarynyň meňzeşligi bilen; 5.separatizmiň ösüş şertleriniň meňzeşligi bilen; 6.syýasy durnuklylyk derejesi bilen; 7.dawalaryň yzygiderliligi bilen baglanşyklydyr. Şu görkezijileriň esasynda separatizmiň 6 sany dürli görnüşleri: Günbatar Ýerwopa, Gündogar Ýewropa, Ýakyn Gündogar (yslam), Aziýa, Afrika we Amerika – bolup, olar dört kontinentde jemlenendirler.

Syýasy geografiyanyň barlaglarynda “Ummanlaryň syýasy geografiýasy” has ýaş ylmy ugry peýda boldy. Bu ugryň peýda bolmaklygy onuň tebigatyndan peýdalanylmagy we syýasy-geografiki hadysalarynyň gury ýer bölekleriniň öz boluşly tapawutlanýanlygyndadyr. Dünýä ummanlary boýunça Russiýada belli hünärmen Ş.B. Slewiç şeýle belleýär: **ummanlar – umumy, ýa-da şertli bölünýän zähmet serişdesi; umman çaýlymlarynda garaşsyz hukuklary berkitmek we berjaý etmek; biologiki baýlyklary göçüp-gonup (migrasion häsiýetli) ýören; halkara gämi gatnawynyň şertlerini saklamaklygyň zerurlygy; BMG tarapyndan “adamzadyň umumy baýlygy” diýlip yglan edilen deňiz, umman düýbüniň Halkara raýonlary** (Слевич С.Б. Политическая география океана(Вопросы теории) // Политическая география и современность: тенденции становления научного направления. Л., 1988- С.52).

Dünýä ummanlarynyň we olaryň deňizleriniň düýbünde mineral baýlyklar köp we dürlüligi bilen tapawutlanýar. Olary peýdalanmak boýunça halkara hukuklaryň bozulmazlygy

zerurdyr. Döwletleriñ käbirleri dünýä ummanlarynda harby güýçlerini, bazalaryny ýerleşdirýärler. Olaryň mineral we biologiki baýlyklaryny ulanýarlar. Ol baýlyklary ulanmak boýunça halkara ylalaşyklary zerurdyr. Dünýä ummanlarynyň syýasy geografiýa meseleleri şu aşakdakylardan ybarat:

- Dünýä ummanynyň syýasy bölünişigi, onyň çaýlymy, köp ýagdaýlarda uly dawalara getirýär;
- Guru ýere golaý deňiz, umman ýalpaklary we deňiz düýbüniň belli bir çägi garaşsyz döwletleriň kenarýaka zonalary olara degişli edilmelidir. Deñiz we umman düýplerine olaryñ hukuklary entek doly kesgitlenmedik hasaplanýar.
- Kenar ýaka döwletleriň ykdysady ösüşiniň syýasy geografiki problemalary;
- Döwletler tarapyndan umman we deňiz giňişlikleriniň parahatçylykly maksatlar üçin ulanylmagy, ol giňişlillerde ýaragy çäkli ulanmak we ýaýratmak meseleleri entek doly çözülenok.

Täze her dürli ýaraglaryň, ulag görnüşleriniň öndürülmegi bilen aralyk, syýasy we harby-strategiki diýilýän düşünjeler hem üýtgeýärler.

Syýasy we syýasy-geografiki faktorlar dünýä hojalygynyň ösüşine uly täsir edýärler: meselem, tebigy baýlyklaryň özleşdirilişine; senagatda täze pudaklaryň emele gelmegine; dünýäniň we aýry-aýry ýurtlaryň ulag ulgamynyň ösmegine öz täsirlerini ýetirýärler.

## II. Syýasy geografiýanyň ösüş aýratynlygy.

Syýasy geografiýa hakda düşünjeler, garaýyşlar gadym zamanlarda döwletleriň emele geliş taryhy bilen baglanyşykly. Döwletler emele gelenden soňra öz ykdysady ösüşlerine görä syýasat ýöredipdirler. Syýasat ykdysadyýetiň görkezijisi

hökmünde ýüze çykýar. Eger-de ykdysadyýeti süýde meňzetsek, onda syýasat onuň gaýmagydyr.

Syýasy geografiýa degişli ilkinji ylmy işleri Şarl Lui Monteskýe (1689-1755) 1748-nji ýylda “Kanunlaryň ruhy hakynda” (O duhe zakonow) atly kitabynda (1900-nji ýylda rusça terjime edilen) tropik we subtropik guşaklyklarda ýaşaýan halklar yssy klimata görä olar ýalta bolýarlar. Belli döwletleri bolmaz, olar döwleti dolandyrmaga ukypsyzdyrlar diüip ýazypdyr. Beýle diýmek bilen şol döwürdäki kolonial syýasaty goldap çykyş edipdir.

Tebigatda we jemgiýetde bar bolan kanunlary, kanunalaýyklary ykrar edýän filosofiýanyň akymyna “determinizm” diýilýär. Şonuň bilen bir hatarda “fatalizm” diýen akym emele gelýär. Fatalizm – ykbalyňa näme ýazylan bolsa şoňa ynanmak – diýmeklikdir. Fatalizm – ähli dinlere mahsusdyr.

Feodalizmden kapitalistik önümçilige geçilenden soňra geografiki determinizm we fatalizm günbatar döwletlerde esasy aňyýet (ideologik) ýaragyna öwrüldi. Geografiki fatalizmi nemes klassiki filosofiýasynyň baştutany Immanuil Kant (1724-1804) ösdürdi. Ol Kýonisberg uniwersitetinde filosofiýa, logika, matematika, mehanika, fizika, geografiýa, antropologiýa, umumy tebigatyň taryhy boýunça okuw okadypdyr. Onuň pikiriçe akyl, pikirlenmek, düşünje – ilkinji, tebigat bolsa ikinji orunda görlüpdir.

I.Kantyň we Fridrih Gegeliň (1770-1831) täsirleri netijesinde geografiýanyň aňyýet (idealistik) akymy emele gelýär. Käbir günbatar geograflary Karl Ritteri (1779-1859) “häzirki zaman geografiýanyň atasy” diýip atlandyrýarlar. Onuň pikiriçe ýer we älem hudaý tarapyndan döredilen. Hudaý ýeri, materikleri döretmek bilen adamlaryň ykbalyny kesgitläpdir. Günbatar, Merkezi Ýewropa ýurtlaryna beýleki kontinentleriň, olardaky döwletleriň üstünden agalyk sürmek ykbaly hudaý tarapyn berlen diýip belläpdir.

K.Ritteriň okuwçysy Fridrih Ratsel (1844-1904) has konserwatiw pikirleri öňe sürüpdir. Ol antropogeografik mekdebi döreden. Ol adamzat jemgiýetiniň ösüşinde esasy orny geografiki sreda tutýar. Ol esasan özüniň ýazan ylmy işlerinde urşa taýýarlanýan Germaniýanyň syýasatyny we ideologiýasyny gorap çykyş edipdir. Germaniýa döwletini ol biologiki görnüş, janly organizm bilen deňeşdiripdir. Germaniýa janly organizm ýaly ösýär, ulalýar. Şol sebäpli ol ýaşlygyndaky eşiginde gezip bilmez. Oňa özüniň çäklerini giňeltmek zerurdyr diýip belläpdir. Ratseliň pikiriçe :Uruş, adam öldürmek, beýleki halklary ýok etmek, tebigatyň kanuny tarapyndan öňünden kesgitlenen, ol gutarnyksyzdyr diýip kesgitläpdir. Ol adamzadyň daş keşbi üýtgewsizdir. Klimaty amatly, oňat şertlerde "ýokary rasa" ýaşaýar, olar şol ýerlerde emele gelen we dünýäniň galan böleginiň üstünden höküm sürmelidir, diýip belläpdir.

Geografiki fatalizmiň esasy tarapdarlarynyň biri amerikaly Elsuort Hantington (1876-1948) hasaplanýar. Onuň pikiriçe tebigy şertler (esasan hem klimat) jemgiýetiň ösüşini, onuň ykdysadyýetini, medenýetini, durmuşyny kesgitleýär. Ol tehniki ösüşiň (progresiň) garşysyna çykyş edýär. Onuň pikirine görä tehniki progres ykdysady krizislere getirýär. Ol kolonial döwletleriň, olardaky geografiki zähmet bölünişigiň saklanmagyny, ol döwletlerde industriýanyň ösdürilmezligini goldap çykyş edýär. Ol elmydama monopolistik kapitalyň (ABŞ-nyň) edýän işlerini we olaryň dünýäde agalyk sürmelidigini goldap çykyş edýär.

1930-1990-njy ýyllar aralygynda syýasy geografiýada ýerine ýetirilen ylmy işleriň netijeleri iki ulgamyň (sosialistik we kapitalistik) arasynda ideologiki göreş üçin ulanyldy. Bu mesele has hem günbataryň ösen kapitalistik döwletlerinde giň gerime eýe boldy. Sosialistik döwletleriň garşysyna gönükdirlen gazetler, žurnallar, dürli kitaplar çykaryldy. Onuň hem esasy sebäbi dünýäniň hiç bir halky hem kolonial

zulumda ýaşamak islemeýärdi. Eýýäm, XX-asyryň başlarynda olarda işçi-daýhan hereketleri başlandy. Köp kolonial döwletlerde kolonizatorlaryň garşysyna rewolýusiýalar başlanyp, bu bütündünýä herekete öwrüldi. Şol sebäpli ABŞ-nyň ýolbaşçylygynda kolonial döwletlere gönükdirilen radiostansiýalar işläp ugrady.

2-nji jahan urşundan soň dünýäniň syýasy kartasy düýbünden üýtgedi. Ondan öň dünýäde iki döwletde sosializm gurlan bolsa indi Ýewropanyň köp döwletleri sosializme tarap ýola düşdüler. Sosialistik döwletleriň täsiri netijesinde Aziýanyň, Afrikanyň köp döwletleri garaşsyzlygyny gazananlaryndan soňra sosialistik ösüşe höwes bildirdiler. Netije-de ABŞ-nyň ýolbaşçylygynda Amerikanyň, Ýewropanyň döwletleri 1949-njy ýylda NATO (Demirgazyk Atlantika harby bileleşigi) döretdiler. Onuň döredilmeginiň esasy sebäbi dünýäniň döwletleriniň arasynda kommunistik wagyz-nesihatlary ýaýratmazlyk bolup durýardy. NATO döwletleri sosialistik döwletleriň garşysyna, olara golaý ýerleşen döwletlerde, deňizlerde, adalarda 1500-e golaý nokatlarda harby bazalary döretdiler. Muňa garşy durar ýaly sosialistik döwletler 1955-nji ýylda Warşawa şertnamasyna gatnaşyjy döwletler (OWD) bolup goranyjy harby bileleşigi emele getirdiler. Şeýlelikde iki sistemanyň arasynda sowuk uruş başlandy. Ýaraglanyşyga uly üns berdiler.

1945-nji ýylda dünýäde ilkinji gezek amerikanlylar atom ýaraglaryny Ýaponiýanyň iki şäheriniň üstüne oklap synagdan geçirdiler. Soňra SSSR hem gysga möhletde 1949-njy ýylda şol ýaragy synagdan geçirdi we ikinji atom bombaly döwlet boldy. Soňra amerikanlaryň ýardam etmegi bilen şol ýaragy Angliýada, Fransiýada öndürdiler. SSSR-iň kömegi bilen Hytaý hem atom bombaly döwletleriň hasabyna degişli boldy. Netije-de adamzadyň üstüne atom urşy howp salyp başlady. Iki ulgamyň arasynda sowuk uruş we syýasy göreş dowam edýärdi.

Kapitalistik döwletlerde syýasy geografiýadan edilen işler ideologik göreş üçin ulanylýardy. Şonuň üçin sowet ýyllarynda ýazylan syýasy geografiýa degişli işleriň köpüsinde şol ýazylan işleri seljermek häsiýetli. Şol sebäpli SSSR döwründe syýasy geografiýa degişli ýazylan işleriň köpüsi taglymat esaslara degişli. Sebäbi daşary döwletlerde çap edilýän işleriň taglymat esaslarynyň esassyzdygyny, ýokdygyny elmydama subut etmeli bolýardy.

Syýasy geografiýanyň taglymat esaslaryna bagyşlanan ylmy işler görnükli rus alymlaryň N.P.Ogarýowyň (onuň Russiýany raýonlaşdyrmak diýen işi syýasy geografiýa bagyşlanan), W.P.Semenow Týan-Şanskiniň, sowet döwrüniň geograflarynyň A.S.Dobrowyň, L.Ýa.Zimanyň, W.S.Kluptyň, A.G.Mileýkowskiniň, N.N.Baranskiniň, I.A.Witweriň, I.M.Maýergoýzyň we beýlekileriň atlaryny tutman geçmek bolmaz.

Beýik Watançylyk urşundan soňky ýyllarda Germaniýa FR we Awstriýanyň syýasy geografiýasy we onuň taglymat esaslaryna bagyşlanan ylmy işleri O.W.Witkowskiý we A.I.Muhin amala aşyryp, soňra SSSR daşary işler ministrliginiň Moskwa Halkara gatnaşyklary döwlet institutynda kandidatlyk dissertasiýa goradylar.

1950-1960-njy ýyllardan başlap Moskwa, Leningrad we beýleki uniwersitetleriň köpüsinde syýasy geografiýa dersi geografiýa bölümlerinde okadylyp başlandy. Bu ugurdan ylmy işler geografiki žurnallarda, ylmy ýygyndylarda çap edildi. 1986-njy ýylda Baku şäherinde ilkinji bütinsoýuz konferensiýa syýasy geografiýa bagyşlandy. Oňa ýokary okuw jaýlaryň mugallymlary, ylmy-barlag institutlaryň ylmy işgärleri gatnaşdylar.

O.W.Witkowskiniň, R.A.Gorbasewiçiň, A.I.Ibragimowyň, N.N.Kalediniň, L.W.Smirnýaginiň, A.L. Belowyň, M.S.Kalaşnikowanyň, W.W.Lawruhiniň, Ýa.G.Maşbisiň we beýlekileriň ylmy işlerinde sowet syýasy

geografiýasynyň esasy ösüş ugurlary kesgitlenildi. Olaryň ylmy işlerinde käbir kapitalistik ýurtlaryň ABŞ-nyň, Kanadanyň, Fransiýanyň, GFR-iň, Italiýanyň, Skandinawiýa döwletleriň, Türkiýanyň syýasy geografiýasyny öwrenmeklikde anyk netijelere gelindi. Sowet döwrüniň soňky ýyllarynda ösýän döwletleriň syýasy geografiýasyna (W.S.Ýagýa) we Dünýä ummanlarynyň syýasy geografiýasyna (S.W.Slewiç we başgalar) uly üns berilip başlandy.

Öň belläp geçişimiz ýaly, sosialistik ulgam bar wagty syýasy geografiýa günbatar döwletlerde aňyýet (ideologik) göreşe öwrülipdi. Ol döwletlerde syýasy geografiýa iki sany borjy (funksiýany) ýerine ýetirýär. **Olaryň biri:** ýurduň çäginde we bütin dünýäde syýasy güýçleriň ýerleşişini seljermekden ybarat. **Ikinjisi** – imperialistik döwletleriň alyp barýan syýasatyny ilat köpçüligine ýetirmek we goramak bolup durýar. Ikinji jahan urşundan soňky ýyllarda syýasy geografiýa degişli günbatarda köp ylmy işler ýazyldy. Olaryň içinde 1950-nji ýyllarda R.Hartşorn we S.Žonsyň işleri peýda boldy. Olaryň ýazan ylmy makalalary hil taýdan pes bolanlygy sebäpli syýasy geografiýanyň abraýyny gaçyrdy. 1976-njy ýylda iňlis syýasy geografy R.Mýuir özüniň ýazan makalasyna ýaramaz we dawaly at goýup **"Syýasy geografiýa – ölen ördek ýa-da feniks?" (Politiçeskaýa geografiýa - dohlaýa utka ili feniks?)** ýazypdyr.

Soňky ýyllarda günbatarda syýasy geografiýa gyzyklanýan alymlaryň sany artyp başlady. Täze halkara žurnallar çykyp ugrady: 1982-nji ýyldan **Politikal Žiografi Kouterli",** 1983-nji ýyldan – **"Gaweriment end Polisi",** 1985-nji ýyldan – **"Politikal Žiografi".** Her ýylda birnäçe monografiýalar we ýygyndylar çap edilýär.

Günbatarda syýasy geografiýanyň janlanmagy onuň mazmunynyň täzelenmegi bilen baglanyşykly.

Uzak ýyllaryň dowamynda syýasy geografiýa okuw dersi hökmünde garaýardylar. Bu dersde döwletiň emele gelişi,

tebigy baýlyklar bilen üpjünçiligi, araçäkleriniň ýagdaýy, paýtagtyň ýerleşişi we onuň ýaşaýşa ukyplylygy öwrenilýärdi. 1950-nji ýylda amerikan geografy **R.Hartşorn** tarapyndan syýasy geografiýanyň 4 sany usulyýet ugry hödürlenildi: 1. **Strategiki** (döwletleriň we harby bileleşikleriň harby mümkinçiliklerini deňeşdirmek); 2. **Taryhy** (öňki, geçen döwrüň syýasy geografiýasyny öwrenmek); 3. **Morfologiki** (döwletiň araçäginiň şekilini, meýdan-çäginiň ýerleşişini syýasy-geografiki nukdaý nazardan öwrenmek; 4. **Funksional** (ýerine ýetirýän işi boýunça).

Onuň pikiriçe syýasy geografiýa döwleti dolandyryjy güýçler bilen, oňa ymtylýan güýçleriň arasyndaky gatnaşygy, ylalaşygy ýola goýmalydyr. Şol ylalaşygy saklamak üçin aňyýet açaryny (klýuçewuýu ideýu) tapmaly we raýatlaryň asudalygyny gazanmagy başarmaly. Bu aňyýet düşünjeler döwletiň simwollaryna (baýdaga, gerbe, gimne) siňdirilip, propagandanyň esasy bolmalydyr. Netijede, döwletiň raýatlarynda “milli umumylyk duýgylary we watansöýüjiligi” gazanmak bolar, diýip belleýär. Şeýle milli aňyýet (ideýa) ösdürilse birwagtlar giderilen meýdan-çäkleri yzyna gaýtarmaga we üstüňe çozmagy mümkin bolan duşmanlardan döwlet araçägini goramaga mümkinçilik berýär. Hartşornyň bu garaýyşlary günbatarda şu günler hem ulanylýar.

Fransiýada 1976-njy ýylda “Gerodot” atly žurnal çykyp başlady. Ol žurnalda syýasy geografiýa degişli makalalar çap edilýär. Şol žurnaly guraýjylaryň biri, onuň baş redaktory Iw Lakost XXV-Halkara geografiki kongrese (Pariž – 1984-nji ýyl) bagyşlap ýazan baş makalasynda belleýşine görä soňky ýüz ýylyň içinde geografiýa – syýasy ylyma öwrüldi. Sebäbi, geograflar syýasy guramalaryň, döwleti dolandyryjylaryň syýasy maslahatçylary we kömekçileri hasaplanýarlar. Günbataryň syýasy geograflary öz ylmy işlerinde ekologiki meselelere, aýratyn döwletleri syýasy taýdan öwrenmeklige,

saýlawlaryň geografiýasyna, syýasy güýçleriň ýerleşişine (dürli partiýalara, profsoýuz hereketlere) uly üns berilýär.

1981-nji ýylda amerikan geograflary M.Kidron we R.Segal tarapyndan “Dünýäniň döwletleriniň atlasy” çap edilipdir. Ol atlasda häzirki zaman derwaýys meseleler: ýadro ýaraglanşygyň haýdadylmagy, onda ýerleşdirilen kartalaryň biri – “Bäşataryň, awtomatyň pyçagy we mekdep tagtalary” diýip atlandyrylypdyr. Ondan başga-da harby çykdajylar, bilim ulgamyna çykarylýan çykdajylar bilen deňeşdiri lipdir. Ýörüte kartalarda harby bazalar, ýarag satylyşy, harby çaknyşyklaryň ojagy, bosgaklaryň ýerleşdirilişi, döwletleriň ýangyç – energetiki ätiýaçlyklar bilen üpjün edilişi, halkara korporasiýalar, ösýän döwletleriň ösen döwletlere maliýe taýdan garaşlylygy görkezilipdir.

## III. Syýasy geografiýanyň ylmy ugur we okadylýan ders hökmünde döremegi.

Dünýäniň syýasy kartasynyň emele gelişiniň taryhy örän gadymydyr. Onuň emele gelişiniň dürli döwürleri bu okuw dersinde ykrarlamak örän köp wagt alar. Sebäbi dünýäniň syýasy kartasy guleýeçilik, döwründe emele gelip, feodalizm, kapitalizm döwrüniň dürli basgançaklarynda ol üýtgedi. Onuň üýtgeýşini siz, gadyrly talyplar mekdepde taryh sapagynda okap tanyşansyňyz. Ony bu ýerde gaýtalap oturmagyň hajaty ýok.

**Syýasy karta** – bu bütin dünýäniň, dünýäniň bölekleriniň, aýratyn döwletleriň kartasynyň syýasy bölünişi diýmekdir. Gadymy döwürlerde syýasy kartanyň emele gelmegi, döwletleriň döremegi bilen, onuň üýtgemegi basyp alyjylykly uruşlaryň bolmagy bilen baglanyşykly.

Döwürleriň üýtgemegi bilen dünýäniň syýasy kartasy hem üýtgäp durýar. Gadymy syýasy kartalarda (Wawilonda, Müsürde, Hytaýda düzülen) gul eýeçilik düzgüniň Atlantik,

Ýuwaş ummanlaryň arasyndaky ýerleşen döwletler görkezilipdir. Müsüriň, Wawilonyň, Gresiýanyň, Rimiň emele gelmekleri basypalyjylykly uruşlar bilen baglanyşykly.

Dünýäniň syýasy kartasynyň üýtgemegi kolonial basyp alyşlar bilen aýrylmaz baglanyşykly. Syýasy kartada esasy üýtgeşmeler birinji we ikinji jahan uruşlardan soň we XX-asyryň 60-90-njy ýyllary aralygynda bolup geçdi. Olara bagyşlanan biziň ýörüte temalarymyz bolar. Şolarda tanyşarys.

**Syýasy geografiýanyň esasy öwrenýän zatlarynyň biri döwletiň araçäkleriniň arasynda ýerleşýän meýdan-çägi hasaplanýar. Syýasy geografiýa beýleki meselelerden başga-da döwletiň çäginiň emele gelişini, onuň düzümini, araçäkleriň häsiýetini (häzirki we geçen zamanlarda üýtgeýşini), ýerleşişini öwrenýär. Syýasy geografiýa, ýene-de goňşy döwletleri, Dünýä ummanlara, olaryň deňizlerine çykalganyň bolmagyny, daşary döwletlere kärendesine berlen ýerlerini, azat, açyk, söwda zonalary diýilip yglan edilen ýerleri ol ýerlerde ýerleşen daşary ýurt bazarlaryny, obýektlerini hasaba alýar we syýasy tarapdan seljerýär. Bu meselelere syýasy geografiki barlaglar we garaýyşlar döwletiň çäginiň gurluş aýratynlygynyň hojalyk düzümi we durmuş geografiýasy bilen baglanyşdyryp öwrenýär.**

**Döwlet çägi** – bu ýer togalagynda ýerleşen garaşsyz bir döwletiň meýdan-çägi hasaplanýar. Islendik döwlet öz meýdan-çäginde ähli raýatlar we edara – kärhanalary ýokary häkimetli döwlet edaralary (kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji, döwleti goraýjy, polisiýa, sud we beýlekiler) bilen üpjün edýär. Şeýlelikde döwlet çägine şol döwletiň hökümi ýöredilýär.

Şonuň ýalyda, döwlet çägi – şol çäkde ýaşaýan ilatyň ýaşaýyş çeşmesi bolup durýar. Döwletiň meýdan-çäginde ýerleşýän tebigy şertler, ähli ýerüsti we ýerasty baýlyklar şol döwletiň emlägi hasaplanýar. Döwlet öz meýdan-çägine özi

eýeçilik edýär. Tebigy şertlerini we baýlyklaryny döwleti ösdürmek we halkyny eşretli durmuşda ýaşatmak üçin ulanýar.

Islendik döwlet özüniň meýdan-çäginiň baýlyklaryny hojalygyny ösdürmek maksatlary üçin ulananda, halkara hukuklara görä, goňşy ýerleşen döwletlere zyýansyz bolmalydyr. Bu mesele häzirki günlerde has derwaýys hasaplanýar. Sebäbi, senagat taýdan has ösen döwletler ekologik taýdan goňşylaryna uly zyýan ýetirýärler. Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň tokaý agaçlarynyň guramagyna araçäkleriň üstünden geçip gelýän kislotaly ýagyşlar sebäp bolýarlar. Meselem: Şwesiýanyň üstüne ýagýan 600 müň t. kükürdiň, 100 müň t öz kärhanalary tarapyndan zyňylyp, galany goňşy döwletlerden gelýär.

Halakra milli korporasiýalary zyýanly, ekologik taýdan arassa bolmadyk senagat kärhanalary Aziýanyň, Afrikanyň, Günorta Amerikanyň ösýän döwletlerinde ýerleşdirýärler. Olaryň köpüsinde arassalaýyş desgalary ýoklygy sebäpli, olary gurmak ykdysady taýdan arzan bolýar. Şolar ýaly kärhanalaryň biri Hindistanda himiki zawodyň (Amerikan TNK-a degişli “Ýunion Karbaýd”) awariýasy zerarly 50 müň adam heläk boldy.

Reýn derýasynyň suwunyň hapalanmagy zerarly Gollandiýa uly zyýan çekýär. Gollandiýanyň ilaty şol derýanyň suwuny ulanýar.

Çernobyl AES-nyň ýarylmagy goňşý döwletlere uly zyýan ýetirdi.

Ekologiki ýagdaýlaryň bir döwletiň çäginden ýaramazlaşmagy beýleki goňşylara özüniň zyýanyny ýetirýär. Umuman, bir ýa-da birnäçe döwletiň çäginde atmosfera howasy, gidrosfera hapalansa dünýäniň ähli döwletlerine zyýan ýetýär. Bu ýagdaý köp halatlarda halkara närazyçylyklara, syýasy ýagdaýyň dartgynlylygyna getirýär.

Döwlet özüniň meýdan-çägini beýleki bir döwlete, ýa-da halkara milli korporasiýa kärendesine berende şertnama,

ylalaşyk esasynda, ýagny halkara kadalary saklamak şerti bilen berýär. Bu ýagdaý 1950-1960-njy ýyllarda iki sany (kapitalistik we sosialistik sistemalar wagtynda) sistema bar wagtynda ösýän döwletleriň çäginde NATO gatnaşyjy döwletler, esasan hem ABŞ harby bazalary ýerleşdirdiler. Köp döwletler syýasy, ykdysady özbaşdaklygyny alanlaryndan soň öňde baryjy demokratik güýçler (şol sanda profsoýuzlar) şol döredilen harby bazalary döwletiň çäginden aýyrmaklygy talap edýärler.

Halkara milli korporasiýalar bilen ýerli kärhanalaryň arasynda bazar ugrunda göreş gidýär. Garaşsyzlygyny gazanan döwletler öz içinde öndürýän harytlaryny satmak üçin daşary döwletleriň kompaniýalaryna haryt getirmekligi çäklendirýärler. Käbirleri, tersine döwletde haryt bolçulygyny döretmek üçin açyk söwda zonalary döredýärler. Bu hem öz gezeginde döwletiň käbir ýerlerinde syýasy meseleleri ýüze çykarýar

Ähliumumy kabul edilen Halkara hukuk kadalary boýunça döwletiň çäginde parahatçylykly ýaşamak, onuň bütewiligini saklamak, döwletiň meýdan-çäginiň eldegrilmesizligi halkara şertnamalarda anyk görkezilýär.

Ikinji jahan urşundan soňra köp sanly garaşsyzlygyny alan döwletleriň çäginde harby çaknyşyklar bolup geçdi. 1948-50-nji ýyllardan başlap Ysraýyl döwleti Palestina arap respublikasynyň, goňşy Liwanyň, Iordaniýanyň ýerini basyp alyp, entek hem doly yzyna berenok.

Günbatar döwletleriň täsiri netijesinde 1983-nji ýylda bolan çaknyşyklardan soňra Kiprde "demirgazyk Kipriň Türk respublikasy" döredildi. Kiprde ýaşaýan kipriotlar (grekler) gysylýar. BMG-nyň Ustawy boýunça halkara, döwletara dawalary çözmek üçin goňşy döwletleriň üstüne çozmak gadagan edilýär.

Syýasy geografiýada döwletleriň syýasy geografiki ýerleşişi uly ähmiýete eýedir. Ösýän döwletleriň ykdysady

taýdan ösen döwletlere golaý ýerleşmegi olar üçin ykdysady taýdan amatlydyr. Döwletleriň deňiz, umman kenarlarynda, halkara ulag ulgamlaryň ugrunda, halkara haryt, kapital akymlarynyň, ilatyň migrasion hereketleriniň ugrunda ýerleşmegi döwletleriň ykdysady taýdan ösmekligine, syýasy taýdan kämilleşmegine täsir edýärler, meselem: Singapur. Ol Günorta, Günorta-Gündogar Aziýada satuwa çykarylýan harytlaryň ýygnalýan we şol ýerden dünýäniň dürli döwletlerine dargadylýan ýeri hasaplanýar. Ol ýerde 100-den gowrak dünýä banklary, 40-a golaý maliýe kompaniýalary, 70-den köpräk ätiýaçlandyryş (strahowyýe kompaniý) ýerleşýär.

## IV. "Geosyýasat"-ykdysady taýdan ösen döwletleriň esasy syýasaty hökmünde.

Geosyýasat ideologiýasy boýunça 3 konsepsiýalara bölünýär:

**Maltuziançylyk konsepsiýasy** angliýaly alym T.P. Maltus (1766-1834) tarapyndan 1798-nji ýylda "Ilatyň kanuny hakynda usullar" diýen işi bilen ýüze çykýar. Bu ylmy işinde Maltus döwletde halkyň ezlişigi, olaryň örän çylşyrymly ýagdaýy tebigatyň gurnalmadyk kanuny diýip düşündirýär.

**Rasizm** – ylmy reaksion ideologiýadyr. Bu ideologiýanyň esasy pelsepesi milletparazlygy, tireparazlygy ündeýänligindedir. Bu bolsa jemgyýetde milletleriň arasynda gapma-garşylygyň ýüze çykmagyna getirýär.

Geosyýasatyň ABŞ-daky pionerleri **Alfred Mehen** (1840-1914) bolup, onuň 1890-njy ýyldaky «Влияние морской силы на историю» diýen ylmy işi dünýä mälimdir. Mehen özüniň bu işinde we soňky ylmy işlerinde "deňiz güýjüniň teoriýasyny" esaslanypdyr. Onuň pikiriçe, diňe deňizde harby-deňiz ýaragly güýçler floty bolan döwlet öz agalygyny berkidip biler" diýip ýazypdyr.

Meheniň bu ylmy pikiri ABŞ-nyň syýasatyna örän uly täsirini, işjeň içeri syýasatyny ýola goýdurdy. 1898-nji ýylda ABŞ, Filippiny eýelemek ugrunda amerika-ispan urşuny dünýä taryhynda ýola goýdy. Mehen imperial syýasatyň ideologiýasyny düzen hökmünde ylymda çykyş etdi.

Soňraky döwürlerde geosyýasatyň giňemegine üns beren, ony baýlaşdyran angliýaly geograf Halford Makkinder (1861-1947) bolupdyr. Onuň 1904-nji ýylda "Taryhyň geografiki esaslary", soňra 1919-njy ýylda "Demokratiki ideal we taryhy real" ady bilen neşir edilen ylmy-işi alyma uly abraý getirýär. Onuň konsepsiýasyna görä, geografiki inersiýa döwletiň ösüşinde örän aýgytly orun tutýar. Hut şonuň üçinem döwletiň syýasaty onuň hökmany suratda geografiki ýagdaýyna bagly bolup durýar diýip, belläp geçipdir.

Makkinderden soňra, onuň okuwçylary (Dewis, Broudi, Findeserold, Ist Speýt) onuň taglymatyny ösdüripdirler. Olar geografiki faktorlar netijesinde Günbatar Ýewropanyň, ABŞ-nyň, Kanadanyň üstünden "Atlantik ýekelik" diýen pikir bilen hökümlik etmeklige syrygypdyr.

Dewis bu barada "Angliýany ýeriň, älemiň merkezi hasaplaýaryn" diýmek bilen Atlantikada harby bazanyň esasy diýip Angliýany göz öňüne tutupdyr.

"Geosyýasat" termini ilkinji bolup şwed sosiology **Ýuhop Çellen** (1864-1922) ylymda ulanyp başlady. Onuň 1910-njy ýylda "Beýik döwletler" ady bilen kitaby çapdan çykýar.

Çelleniň pikirine görä, ýurtlaryň käbiri özüniň geografiki ýagdaýyna laýyklykda birnäçe döwletleri özüne tabyn edýärler. Şeýle "kompleksli" Çellen ABŞ, Russiýa we Britan imperiýasynyň birleşdirenligini ýazypdyr.

Geopolitikanyň meselesi – ol hem Çelleniň pikirine görä, Germaniýanyň baştutanlygynda "Ýewropa kompleksini" döredip, Ýewropanyň merkezi kontinentiniň üstünden agalyk etmekligini ündeýär.

Amerikan geosyýasatçysy **Spikmeniň** 1941-nji ýylda "Serhetde howpsuzlygyň meseleleri hakynda" diýen leksiýa bilen Nýu-Ýorkda çykyş edipdir. Emma 1942-nji ýylda bolsa "Amerikan strategiýasy we dünýä syýasaty" atly kitabynda **Spikmen** dünýä syýasatynda geografiki faktoryň aýgytlaýjy rolunyň barlygyny belläp geçipdir. Spikmen özüniň geografiýasynda ABŞ-nyň içeri reaksion syýasatyny işläp düzenligi bilen dünýä meşhurdyr.

Ikinji jahan urşundan soň geosyýasat ideýasy ABŞ-nyň geograflarynyň agalyk edijiligine öwrüldi. Munuň hut şeýledigine "Politiçeskaýa nauka" ("Syýasy ylym") žurnalynda çap edilen "Geopolitika i amerikanskaýa poslewoýennaýa politika" ("Geosyýasat we amerikanyň uruşdan soňky syýasaty") diýen bölümçede has aýdyň düşünmek bolýar. Şeýlelikde, geosyýasat halkara arenasynda amerikan diplomatiýasynyň usullaryny doly açyp görkezdi. 1945-nji ýylyň Gurbansoltan aýynda ABŞ-da prezident **Franklin Ruzwelt** ölenden soň, ýerine gelen **Garri Trumen** ABŞ-nyň döwlet doktrinasynda geosyýasatyny kesgitledi, ýagny "dünýäniň üstünden agalyk" düşünjesini ýüze çykardy. **Trumeniň** şeýle alyp barýan syýasatynyň netijesinde ABŞ ýer şaryndaky döwletleriň üstünden agalyk etmek ideýasy soňky döwürde bolsa "sowuk urşyň" başlamagyna getirdi. Şeýle ýagdaýda ABŞ-da çuňňur geosyýasat we onuň amerikan warianty – **geostrategiýa** işlenilip düzüldi.

**E.Džonston** dünýä derejesinde 2 ulgamyň mümkingadarlygyny şeýle beýan etdi: "Meniň pikirime görä, ABŞ we SSSR ikisi hiç wagt bir planetada ýaşap bilmegi mümkin däl". "Sowuk urşuň" döwürleri barada propogandirlemek ABŞ-nyň geografiki edebiýatlarynda uly orun tutýar. Bu barada has giňişleýin maglumatlary **Kifferiň** 1952-nji ýylda çapdan çykan "Realnosti mirowogo moguşestwa" diýen kitabynda has aýdyň görünýär. Kifferiň pelsepesinde geosyýasat dinamiki ylym hökmünde – ol dünýä

güýjine we dünýä agalygynda adýan ýoluna düşünilýär. Onuň pikiriçe: “Geosyýasat – bu şalyk. Onuň esasy : daýanjy psihologiki we fiziki güýçdir”.

1975-nji ýylda Nýu-Ýorkda **P.Klaýnyň** “Güýç ulanylyşynyň dünýädäki orny, strategiki dreýfiň derňewi” atly kitaby çapdan çykýar. Klaýn bu ylmy işinde ABŞ-nyň agalygy bilen “esasy soýuz birleşmelerini” göz öňünde tutýar. Ol özünde Kanadany, Beýik Britaniýany, GFR, Fransiýany, Izraili, Italiýany, Niderlandiýany, Ýaponiýany, Taýwany, Awstraliýany, Täze Zelandiýany birikdirmegi ündeýär(B.N.Semewskiý. “Teoretiçeskaýa ekonomgeografiýa”. M., 1981, str.87-100)

## V.Dünýäniň syýasy kartasynyň XX asyryň başyna çenli ýagdaýy.

Dünýäniň syýasy kartasynyň emele gelmegi üçin müňlerçe ýyllar gerek bolupdyr. Şonuň üçin onuň emele gelişini birnäçe döwürlere bölüp bolýar.

**1.Gadymy döwür.** Iň ilkinji döwletleriň emele gelip başlan döwürlerinden (biziň eramyzyň başyndan V-asyra çenli) gul eýeçilik döwrüne çenli bolan wagtlary öz içine alýar. Bu döwürde Gadymy Müsür, Karfagen, Gadymy Gresiýa, Gadymy Rim, Parfiýa, Margiýana we beýlekiler gülläp ösüpdirler we dargapdyrlar. Olar Ýer ýüzünde hojalygyň, medeniýetiň, ylymyň ösmegine öz goşantlaryny goşupdyrlar. Bu döwletleriň dargamagyna çaknyşyklar we uruşlar sebäp bolupdyrlar.

**2.Orta asyrlar döwri.** Bu döwürde (V—XV asyrlarda) döwletler guleýeçilik eýýämine garanda ykdysady, syýasy, medeni taýdan kuwwatlylygy, ösenligi bilen tapawutlanýarlar. Şonuň üçin olar deňizde, ummanlarda ýüzmeklige başlap täze ýerleri özleşdirip geografiki açyşlara başlaýarlar. Şol döwürde Wizantiýa, Keramatly Rim imperiýasy, Angliýa, Ispaniýa, Portugaliýa. Kiýew Rusy, Osman imperiýasy we beýleki

döwletler emele gelipdirler. Bu döwletler tarapyndan uly geografiki açyşlar başlaýar.

1420-nji ýylda Portugaliýa Madeýra, Azor adalaryny basyp alýar;

1453-nji ýylda Konstantinopol şäheri Gresiýanyň elinden gidýär.

1492-1502-nji ýyllarda H.Kolumb 4 gezek Merkezi Amerika syýahat edýär. Ispanlar Amerika materigine aralaşyp başlaýarlar.

1494-nji ýylda **Tordesilýass** şäherde (Ispaniýa) Ispaniýa bilen Portugaliýanyň arasynda, Gök Burun adalaryndan 2 müň km günbatardan iki dg we GO polýuslara çenli, şondan Gd-y Portugaliýa Günbatary Ispaniýa degişli edilip şertnama baglaşýarlar. Tordesilýass şertnamasy 1777-nji ýylda ýatyrylýar.

1498-nji ýylda Wasko de Gama Afrikanyň günortasy bilen Ýewropadan Hindistana ýol açýar.

1499-1504-nji ýyllarda Amerigo Bespuççi Günorta Amerika syýahat edýär.

1519-1522-nji ýyllarda Magellan özüniň ýoldaşlary bilen Ýer togalagynyň daşyna ýüzüp çykýar.

XV-XVI asyrlarda taryhda **Täze eýýäm** başlaýar. Bu eýýäm kapitalistik hojalygyň emele gelen döwri. Ol tä Birinji Jahan urşyna çenli döwri öz içine alýar. Bu döwür kolonial basyp alyş döwri, dünýäniň hojalygynyň emele gelen döwri hasaplanýar.

**XX asyryň başyna çenli basylyp alnan we garaşly bolan ýerleriň meýdany we ilaty.**

| **Döwletler** | **Basylyp alnan we garaşly ýerleriň gatnaşygy** | |
|---|---|---|
| | **Öz ýerine garanda esse köp** | **Öz ilatyna garanda köplügi** |

| | | |
|---|---|---|
| Angliýa | 100 esse | 8,8 esse |
| Germaniýa | 5,2 esse | 21 % köp |
| Daniýa | 5,0 esse | 4,2 % köp |
| Ispaniýa | 40 % köp | 3,8 % köp |
| Italiýa | 1,7 esse | 2,2 % köp |
| Niderlandlar | 67 esse | 7,4 esse |
| Portugaliýa | 21 esse | 1,5 esse |
| ABŞ | 24,4 % köp | 11,6 % köp |
| Fransiýa | 21 esse | 1,3 esse |
| Belgiýa | 80 esse | 2,8 esse |

Bellik: 1900-njy ýyla çenli basyp alnan ýerleriň meýdany 73 mln inedördül km (gury ýeriň 55 %-i), ilatynyň sany 530 mln adam (dünýäniň ilatynyň 35 %-i) bolupdyr (Rodionowa I.A., Bunakowa T.M., 1999, s.11).

Beýik geografik açyşlar eýýäminde has köp we iri basyp alynan ýerler Ispaniýa we Portugaliýa döwletlerindedi. Manufaktura önümçiliginiň ösmegi bilen Angliýa, Fransiýa, Niderlandlar, Germanlar, soňra ABŞ öňe çykýarlar. Bu döwür uly kolonial basyp alyş döwri hasaplanýar. Şeýlelikde dünýäniň syýasy kartasyny birnäçe gezek paýlaşypdylar. XIX-XX asyyrlarda dünýäniň syýasy kartasy durnukly bolmady, sebäbi döwletleriň arasynda dünýäniň kartasyny paýlaşmak hakda mesele gidýärdi. 1876-njy ýylda Afrikanyň diňe 10 % ýeri Gb Ýewropa döwletlerine degişli bolan bolsa, 1900-njy ýylda- eýýäm 90 %-i degişli bolupdyr. Şeýlelikde XX-asyryň başyna çenli dünýäniň syýasy kartasy doly paýlaşylypdyr.

Dünýäniň syýasy kartasynyň emele gelmeginiň “täze eýýämi” başlaýar. Ol esasan I-Jahan urşy bilen baglanyşykly. Birinji Jahan urşy gutarandan soňra Dünýäniň syýasy kartasynda täze döwletler emele gelýärler. Bu Täze eýýämiň birinji bölümi diýilip atlandyrylýar. Ol wagtlar Dünýäniň syýasy kartasynda ilkinji sosialistik döwletiň RSFSR, soňra 1922-nji ýylda SSSR emele gelmegidir. Awstro-Wengriýa

imperiýasy dargady. Täze döwletler: Polşa, Finlýandiýa, Serb, Horwatiýa, Sloweniýa patyşalygy, Awstriýa, Wengriýa we başgalar emele geldiler. Osman imperiýasy dargady. Beýik Britaniýanyň, Fransiýanyň, Belgiýanyň, Ýaponiýanyň kolonial ýerleri köpeldi. Ol ýerleri olara halklaryň ligasy tarapyndan öňki Germaniýanyň we Osman imperiýasynyň ýerleri berildi.

**“Halklaryň birleşmesi(dostlugy)”** halkara guramasy kabul edilen ustabyna görä “Halklaryň arasynda hyzmatdaşlygy ösdürmek, olaryň howpsuzlygyny üpjün etmek” diýip atlandyrylýardy. Hakykatda Beýik Britaniýa, Fransiýa ýaly imperialistik döwletleriň syýasy ýaragy hökmünde, olaryň “geosyýasy” hileliklerini durmuşa ornaşdyrmak üçin döredilen syýasy guramadyr. Bu gurama 1919-1939-njy ýyllar aralygynda işläpdir. Onuň düzgünnamasy 1919-20-nji ýyllarda Parij parahatçylyk konferensiýasynda, 1919-njy ýylda Wersal parahatçylyk şertnamasynda işlenip düzülipdir. Oňa ilki 44 döwlet, olardan 31, ýagny **Antantanyň (Beýik Britaniýa, Fransiýa, ABŞ, Italiýa, Ýaponiýa, Kanada, Awstraliýa, GO Afrika Soýuzy, Täze Zelandiýa, Hindistan, Hytaý, Belgiýa, Boliwiýa, Braziliýa, Kuba, Ekwador, Gresiýa, Gaiti, Hijaz, Gonduras, Liberiýa, Nikaragua, Panama, Ýugoslawiýa, Çehoslowakiýa, Urugwaý, Siam)** tarapynda çykyş eden döwletler giripdir. Birinji jahan urşy döwründe bitaraplygy saklan döwletler: Argentina, Çili, Kolumbiýa, Daniýa, Norwegiýa, Ispaniýa, Paragwaý, Niderlandlar, Eýran, Salwador, Şwesiýa, Şweýsariýa, Wenesuela guramanyň hakyky agzalary bolupdyrlar. Ustaw kabul edilenden soň ABŞ onuň ustabyny kabul etmändir we düzüminden çykypdyr(BSE, tom 14, sah. 1274-1276).

“Täze eýýämiň” ikinji döwri II-Jahan urşynyň gutarmagy we birnäçe döwletleriň emele gelmegi bilen baglanyşykly.

## VI. I-jahan urşunyň baslanmagynyň ykdysady we syýasy sebäpleri.

XX-asyryň basyna çenli ösen döwletleriň arasynda garşylyklar ýitileşip başlady. Ykdysady ösüşe giç başlan ABŞ, Germaniýa ykdysady netijeleri boýunça Angliýadan we Fransiýadan öňde barýardylar.Öndürýän senagat önümleri boýunça olardan öňe saýlandylar. Dünýäniň köp döwletleri Angliýa, Fransiýa, Ispaniýa, Portugaliýa tarapyndan basylyp alynypdy. Indi ykdysady taýdan çalt ösýän ABŞ-a Germaniýa täze çig-mal merkezleri, senagat önümlrini, öz kapitallaryny ýerleşdirer ýaly täze sebitler gerekdi. Ol sebitler hem ýokarda atlary agzalan döwletleriň elindedi. Angliýa bilen Germaniýanyň arasynda gapma-garşylyk saklanýardy, Öň paýlaşylan dünýäni täzeden paýlaşmak işleýärdiler.

Fransiýa bilen Germaniýanyň arasyndaky garşylyklar hem ýitileşýär.Patyşa Russiýasy ykdysady taýdan garaşly bolanlygy sebäpli Angliýany we Fransiýany goldaýardy.Günorta Slawýanlary (Balkan ýarym adasyndaky) özüne birikdirerin diýen tamasy bardy.

Netije-de, iki sany imperialistik birleşme emele geldi. Antanta-oňa Angliýa, Fransiýa we Russiýa girýärdi. Beýlekişi üçler soýuzy, ýa-da german birleşmesi, düzumine Germaniýa, Awstriýa, Wengriýa, Italiýa, Bolgariýa we Türsiýa girýärdi.

1914-nji ýylyň 15(28) Gorkutda(iýulynda) Awstro-Wengriýa (Germaniýanyň gönüden-göni täsiri astynda) Serbiýanyň garşysyna uruş yglan etdi. Bu urça awstro-wenger imperiýanyň miraşdüşeri gersog Frans Ferdinandyň öldurilmegi bahana boldy.

Şol ýylyň 19 Gorkut(iýul) güni Germaniýa Russiýanyň garşysyna uruş yglan etdi. 21-nji iýulda ( Gorkut aýy). Germaniýa Fransiýanyň garşysyna, Beýik Britaniýa 22-nji iýulda Germaniýa garşy uruş alyp bardylar.

1914-nji ýylyň awgust (Alp Arslan) Ýaponiýa Antantanyň tarapynda bolup urşa girdi. 1915-nji ýylyň maý (Magtymguly) aýynda Antantanyň tarapyna Italiýa geçdi. Soňra 1916-njy ýylda Rumyniýa hem goşuldy.

!914-nji ýylyň oktýabr (Garaşsyzlyk) aýynda german-awstriýa tarapyna Osman imperiýasy, 1915-ýylyň noýabr (Sanjar) aýynda Bolgariýa goşuldy.

1917-nji ýylyň aprelinde (Gurbansoltan eje) ABŞ urşa girişdi.

Urşuň başlanmagynyň sebäpleri; öň paýlaşylan dünýäni täzeden paýlaşmak, dünýäniň ýagdaýyna göra dünýäni täzeden paýlaşyp kolonial gulçylygy deňeçer saklamak, milletleri, ezmek, gulçulygy dowam etdirmek.

Birinji jahan ursy dünýäde öňki bolan ýerli uruşlardan düýbünden tapawutlanýardy. Uruş Ýewropanyň, Aziýanyň, Afrikanyň çäklerinde geçip, frontyň uzunlygy 2500-4000 km barýardy. Bu urşa 38 döwlet gatnaşyp, onda 1,5 mlrd-dan köpräk adam gatnaşdy. Ýaragly uruş gyry ýerde, deňizlerde alnyp barlyp, oňa awiasiýa hem gatnaşdy.

Bu uruşa köp adam gatnaşdy. Uruşa alynan adamlaryň sany Russiýa boýunça- 19 mln adam, Germaniýa-13,3; Angliýa-9,5; Awstro-Wengriýa boýunça-9; Fransiýa- 8,2; ABŞ-3,9 mln adam çekildi.

Uruş uly maddy we maliýe çykdajylary talap etdi. Ýyl geçdigiçe uruş köp çykdajylary talap edipdir.

**1914-1918-nji ýyllarda ursuň 1 gunune çykarylan çykdajylar ( mln. rubl.)[1]**

| Döwletler | 1914-nji ýyl | 1918-nji ýyl |
|---|---|---|
| R u s s i ý a | 16,3 | 55,6 (1917) |
| G e r m a n i ý a | 18 | 73 |
| A n g l i ý a | 17,5 | 78,5 |
| F r a n s i ý a | 18 | 60 |

**[1] Migolatýew, 1985, s. 29**

Urşa çykarylan çykdajylar, adam ýitgileri döwletleriň halklaryna uly zyýan ýetirdi. Birinji jahan urşy döwrunde adam ýitgileri, ölenleriň we ýaraly bolanlaryň sany 30 mln ýetdi. Bu uruş imperialistik döwletlerde zähmetkeş halkyň gahar-gazabyny döretdi.

Russiýa urşa taýýar däldi. Onuň ykdysady harby-strategiki taýýarlygy beýleki döwletlere sereden-de pesdi. Halky garyp ýaşaýardy. 1917-nji ýylyn oktýabr aýynyň 25-ne sosialistik rewolýusiýa başlandy. Rewolýusiýa W.I.Leniň ýolbaşçylyk etdi. Oktýabr rewolýusiýasynyň täsiri netijesinde Germaniýada, Awstro-Wengriýada we beýleki döwletlerde işçileriň rewolýusion hereketleri başlandy. Işçiler hereketi soňra Amerika sebitlerine hem aralaşdy. Şeýllikde, sosialistik rewolýusiýa günbatar döwletleriň işçileriniň rewolýusion herekerleriniň birleşmegine, gündogar döwletlerde milli azat edijilik hereketleriň başlanmagyna getirdi. Rewolýusion herekerler bolan döwletlerde basylyp ýatyryldy.

Netijede kapitalistik döwletler birleşip Oktýabr rewolýusiýany basyp ýatyrmak isledir. Imperialistik döwletleriň esasy syýasatynda öne göýlan mesele sosialistik rewolýusiýany ýok etmek bolup durýardy. Sowet Russiýanyň üstüne çozmak üçin imperiýalistler 14 döwletiň birleşmeginde harby blok döretdiler. Uruş yglan etmezden ýaş Sowet döwletiň üstüne münlerçe daşary ýurt esgerleri iberildi. Russiýanyň wajyp strategiki nokatlary: Arhangelsk, Murmansk, Sewostopol, Odessa eýelendi. Ukrainany, Belorussiýany, Baltika boýuny, Türküstany, Kawkaz aňyrsyny basyp alypdylar.

Imperialistik döwletler ähli mümkinçiliklerden peýdalanyp içli güýçleri rewolýusiýanyň garşysyna ulandylar. Olar ýarag we urşa gerekli serişdeler bilen Kolçagyň, Denikiniň, Wrangeliň, Ýudeniçiň armiýalaryna kömek berdiler. 1919-njy ýylyň doly bolmadyk maglumatlaryna "görä" ABŞ Kolçagyň goşunlaryna 600 müň bäşatar, Angliýa 200 müň jübt esger

egin-eşigi, aýakgaby we beýleki gerekli zatlaryny, 1919-njy ýylyň Alp Arslan-Ruhnama(awgust-sentýabr) aýlarynda Denikiniň goşunlaryna ABŞ 144 müň bäşatar, 3 mln ok we başga-da birnaçe ýaraglary iberipdir. Angliýa we Fransiýa amerikadan alan karz pullarynyň hasabyna, Denikiniň armiýasyna ýuzlerçe harby ýaraglar, 2 mln-a golaý snarýad, 160 mln ok iberipdirler. Russiýanyň wagtlaýyn hökümetine ABŞ 450 mln dollar karz pul beripdir. Ol pullar ak gwardiýaçylary, Kolçagyň we Denikiniň goşunlaryna ýarag almak üçin harçlanypdyr.

Amerikan goşunlary Russiýanyň demirgazygynda we Uzak Gündogarda 112 müňe golaý adamy azarlapdyrlar we öldüripdirler. Olar Arhangelsk şäheriniň golaýynda "Adam öldürilýän fabrika" döredipdirler. Şol fabrikde müňlerçe adamlar öldürilipdir.

1919-njy ýylyň başynda interwentleriň goşunynyň sany 400 müňe ýetipdir. Ondan başga-da Gara, Kaspiý deňizlerde, Fin aýlagynda iňlis, fransuz flotynyň goşunlary hem bar ekeni. Russiýanyň öz içinde 700 müň esger we ofiser ýaş Sowet döwletiniň garşysyna uruş alyp barypdyr. Şeýlelikde, ýaş Sowet döwletiniň garşysyna 1 mln-dan gowrak goşun urşypdyr. Bu uruşda 8 mln adam ýitirilipdir. Hojalyga ýetirilen zyýan 50 mlrd altyn rubl-e barabar bolupdyr (Migolatýew, 1985, s.32).

1918-nji ýylyň Mart (Nowruz) aýynda Sowet hökümeti Germaniýa, Awstro-Wengriýa, Bolgariýa, Türkiýe bilen Brest şäherinde parahatçylyk barada Şertnama gol çekýärler. Germaniýa Polşanyň, Pribaltikanyň Belorussiýanyň bir bölegini, Kawkaz aňyrsyny, yzyna gaýdyr berýär. Russiýa uruşdan çykýar.

1918-ýylyň güýzünde Ýewropada harby göreş ýatyrylýär. Germaniýa we onuň tarapynda urşan döwletler (Bolgariýa, Türkiýe, Awstro-Wengriýa) doly ýeňilýärler.

1918-nji ýylyň 9-njy noýabrynda (Sanjar) Germaniýada rewolýusiýa baslanýar.11-nji noýabrda (Sanjar) Germaniýa uruşda ýeňilendigini doly boýun alýar.

Ispaniýada demokratizasiýa prosess gidişinde frankistik döwürden soňra referendumlarda awtonomiýany hemişe düzgüni kabul edildi we Kataloniýanyň kanun çykarşy maslahaty saýlandy şol sanda Basklaryň ýurtlaryň, Galisiýanyň, Andaluziýanyň birinji saýlaw geçirilende milletçileriň partiýalaň ýeňişi bilen bellenildi – Basklaryň milletçileriň, Erri Batasuma, Euksadiko Eksperra Basklaryň ýurdynda, Konferengensiýa partiýasy we soýuzyň kataloniýada. Fransiýada 1982-nji ýylda çeplerin partiýasynyň hökümeti Korsika awtonomiýa berdi; şol ýylyň saýlawlaryň Alp Arslan aýynda regional assambleýa Korsika halkyň milletçilik soýuzy uly bolmadyk ýeňişi gazandylar we şonda 11,5 % mandat aldylar. Italiýada “aýratyn statusly” welaýatlaryň sany 3-5 çenli

ösdi, Bolsano prowinsiýasynyň administrasiýasynyň kompetensiýalary kä halatlarda giňeldilýärdi.

Syýasy-territorial bölünşiginiň haýsy-da bolsa özgertmeleri bu-uzak wagtlap dowam eden syýasy göreşiň netijeleri. Häsiýetli mysal-1979 ý. täze Şwesar Ýura kantonyň döremegi, kanton Bernden çykarlanyny, oňa 1815 ý. frankodilli ilat esasy ýaşaýjylary bolan territoriýa girdi.Bem kantonyň german dili ilaty (bölünmekden öň 86% hemme ýaşaýjylaryň jemi) şularyň köp bölegini protestantlar düzýärler, şol bir wagtda frankodili obşinalar katolik we protestant dine uýupdyrlar we şonda kynçylyk bolupdy. Şu mesele ýüze çykandan soňra federal hökümet frankodilli bölümde onuň statusy hakynda referendumy geçirmek barada öz razyçylygyny berdi. Bern kontonlygyndan çykmagyň tarapdarlary uly bolmadyk ses gazanyp bildiler, olar ýeke demirgazyk okrugda ýeňiş gazandylar, sebäbi ol ýeriň ilatynyň köp bölegi katolikler. Şol kantonlaryň ýaşaýjylary iki gezek azlykda boldular – lingwistik boýunça we konfesial häsiýeti boýunça we şol netijäni nähili boljakdygyny görkezdi. Soňra şol okruglaryň içinde täze kantollary döretmek maksady bilen, şol ýaşaýjylaryň köpüsi aýyrmaly dini pikiriň tarapynda çykyş etdiler we ol bütin halk referendumyna bu mesele çykaryldy we şol geçirilenden soň konfederasiýada özgertmeler bolup geçdiler. Munuň ýaly uly proseduramy syndan öňüräk bolup geçen Bazel kantonyň “şäherleýin” we “obalaýyn” birleşmesi talap etdi, ol bolsa Bazel aglomerasiýanyň giňelmegi sebäp boldy.

Federasiýalarda syýasy serhetleri özgertmek şol prosesiň kyndygyny seredip, öňki döwründen galan reformalary şol serhetlerini geçirmek üçin her gezek ýykylýardy. Sebäbi olar federal paýtagta kyn bolan dürli adamlaryň, toparlaryň bulaşyp geçýän bähbitlerini degýär we şol gyzyklanma bolan prowinsiýalarda we ştatlarda. Ýeke bir gezek däl syýasy territorial – reformalar GFR debatirowatsa

edildi, sebäbi ol ýerlerde ýerleriň disporsiýalar möçberi we şol ýeriň potensiýaly bar, olaryň arasyndaky serhet sosial-ykdysady serhetlere laýyk gelenoklar. Mysal üçin, 1975-nji ýylda Reýland-Ptalsda referendum geçirildi. Onda onuň territoriýasynyň bölegini goňşy ýerlere bermeli diýen teklip edildi, ýöne bu proýekt inkär edildi. Ýörite döredilen komisiýa şeýle maslahat berdi 5 ýada 6 ýerleri döretmegi öňki 10-na derek, Gamburgy we şlezwig-şteýiny birleşdirip, Bermeni we Aşakdaky Saksoniýany, Keýlama pfalşyn bölegi Gessen bilen birleşen, a onuň başga bölegini Saar we Baden-Wýurtemberg bilen, Yane-da ýer ara şertleri doly kesgitylemek, esasan günorta-gündogar ýurdyň prireýin bölegini. Kanadada Atlantik we Stepnoý prowinsiýalary birleşdirmek meýilleri bardy, Toronto we Monrealy, Ontario we Kwebekiň düzüminden çykarmak ýörite şäher-ştatlaryna, Britan Kolumbiýasyny saklap galdyryp.

Köp proýekt reformalaryň awtorlary, şu wagtky subýekt federasiýalaryň häkimiýetlerini aýyplaýardylar. Sebäbi olar olary şäherleriň problemalaryny çözüp bilmedigi üçin, olar boljakky bölünişigi, serhetleri uly bolan şäher aglomerasiýalaryň ster täsiri bilen kesgitlemeli diýip aýdýarlar. Ine, amerikan geografy S. Brunn ABŞ 16 ştata bölünşigniň setkasyny öýlap tapdy. Hiaterlandow esasy aglomerasiýalar, we ol ştatlaryň sany agzalsa olaryň federal syýasatyna ýeňil gözegçilik etmek bolar we ştatlaryň syýasaty diýen pikiri orta atýar. Syýasy garaýyşdan seredeniňde bu proýektler utopiýa diýlip aýdylýar. Sebäbi bu proýektleri durmuşa girizmek bolup duran syýasy güýçleriň tertibine we syýasy dessurlary kökünden görmek bolardy.

Etnomedeni faktlaryň daşary, agramly bolan syýasy-territorial bölünşigine pudakara we raýonara syýasy gatnaşyklaryň kynlaşmagy we konsalidasiýasy ýardam edýär, uly aglomerasiýalaryň ösüşi, syýasy serhetlere sygmaýanlar anyk mysallar Gamburg we Bremen GFR-da, aýratyn

ýagdaýlarda – goňşyara döwletleri bilen umumy maksatlary berkitmek Kanada-da ýaly we "prowinsiýa ýokary" regional organlaryň döredilmegi.

Bir-iki proýektli ştatlary uly etmek üçin Awstraliýanyň Leboristik partiýasy öňe sürdi. 1920-nji ýylda olar Awstraliýany unitar döwlete öwürmegi teklip etdiler, we ol 31 prowinsiýalardan durmalydy. G.Uitlemiň Leýboristik hökümeti häkimiýet başynda 1972-75 ýyllar aralygynda duran we iňlis general gubernatory tarapyndan aýrylan, öň özüniň teklip eden reformalary saglyk saklaýyşda, bilimde we sosial üpjünçilikde döwlet gurluşyny täzelemek gerek diýip aýdýardy. Uitlemiň hökümeti öz programmalarynda öz adminstratiw-territorial birligiň toparyna esaslanýardy, we ol ştatlaryň häkimiýetleriniň garşysyna duçar boldy. Bu öz ştatlarynyň içki dolandyryşyna täsir etmegiň birinji ädimi hasaplandy we radikal herekete hem birinji ymtylyş. Başga reformalar Awstraliýany syýasy-territorial bölünişigi hakynda ulurak bolan kenarýaka şäherler tarapyndan teklip edilýär, we olar ştatlaryň paýtagtyndan uzakda ýerleşenler we olar täze federasiýanyň çlenleriniň paýtagtyna ymtylýardylar. Uly bolmadyk golawy şeýle teklip aldy. Onda Täze Angliýa ştatyny demirgazyk böleginden Täze Günorta Uelsyň içinden çykarmaly diýen teklip. Onuň tarapdarlaryna azyrak ses ýetmedi. 1967-nji ýylda geçirilen referendumynda. Köp sesleriň aýrylmagy goldap uzakdaky okruglaryň ilaty ses berdiler, azyrak – derýa Hanteriň boýunda iň urbanizasiýalaşan senagat taýdan ösen raýonda, Melbrun we Sidneý bilen gowy baglanyşyklydyr.

## XII. Ösýän döwletlerde milletleriň birleşmeginde syýasy-ýerli bölünişikleriň ähmiýeti.

Syýasy teretoryal bölüniş-milletçilik intergriýasiýasynyň esasy faktory.

Federatiw döwlet dolandyryşyň formasy şu wagt 11 ösýän ýurtlarda bar-Hindistanda, Malaýziýada, BAE, Pakistanda, Komor adalarynda, Nigerýada, Tanzaniýada, Argentinada, Braziliýada, Meksikada, Wenesuelada. Birnäçe ösýän federatiw döwletler- parlament respublikasydyr (Hindistan, Pakistan harby agdarylyşyga çenli 1977 ýýl), başgalar-prezident respublika (hemme Latyn amerika federasiýalar, Nigerýa), 3-njiler-Ozboluşly saýlama monarhiýa (Malaýziýa, BAE),olarda döwletiň başy bir çäkli wagta saýlanýar, ýöne hökümdarlaryň arasyndan düzülen federasiýanyň bölümlerinden. Bu döwletleriň birnäcesi buržuaz demokratik režim bilen ösýär başgalar öz bolan döwrünuň bütin wagtnda harby režim döwründe ösýär (Nigerýa, Pakistan).

Döwletiň federatiw dolandyryş formasy milletçilik-azat ediji döwründe ýüze çykdy. Dürli ýagdaýlarda döwletiň unitar dolandyryşy we hökümetiň merkezleşmegi ykdysady ösüşi çaltlandyrmagy mümkin. Rus işewüri W.E Çirkin häzirki federasiýalaryösýän döwletleriň arasynda üç tipe bölýär: buržuaz ( latyn Amerika, Hindistan), buržuaziýa geçýänler (Nigerýa), sosializime geçýänler (Tanzaniýa). Döwletiň esasy anyk häkimýeti boýunça olar bolan buržazlara bölünýärler, olar ilatyň milletleri biln baglanşykly däl, täze buržuaz olaryň başynda milletçilik buržuaziýa dur. Buržuaz feodal, feodal-buržual we sosializim ýaly ýöreýänler.

Täze buržuaz federasiýalarda etnolingwistik çäkler syýasy teritorýal serhetlere laýyk gelýärler. Çlen federasiýalaryň deň hukuksyzlygy olara statusynda çykarylyp biliner. Syýasy teretorýal bölünmek reformalary jemlemegiň biri bolup, ösýän ýurtlarda kapitalistik ýurtlara seretmezden üýtgeýän görnüşde. Şolýurtlaryň köpsünde düýpleýin özgertmeler bolup geçdi serhetlerde, subýekt federasiýanyň statusynda, başga ýurtlarda syýasy territorial bölünşigiň seti düýpleýin täzeden seredildi şonuň ýaly reformalar Hindistanda

1950-1956ý Pakistanda 1973ý Malaýziýada 1963-nji ýylda Nigerýada 1967 we 1976 nji ýylda geçirildi.

## XIII. Meýdan-çäk bölünişik we giňişlik boýunça alnyp barylýan syýasatlar.

1. Döwlet çägindäki ýeriniň düzümi, onuň taryhy emele gelişi, ýerleşişi, araçägiň öňki döwürlerde we häzirki wagtdaky ýagdaýy hakda häsiýetnama berýär.
2. Döwlet ýeriniň geografiki ýerleşişini (ykdysady, syýasy-geografiki ýerleşişiniň taryhy aýratynlyklaryny nazarda tutup) öwrenýär.
3. Döwlet çäginiň aýratynlyklaryny hojalygyň we durmuş geografiärhanalarynyň ýerleşişiniň arabaglanyşygy bilen bilelikde öwrenýär.
4. Döwletara we döwletiň içinde ýaşaýan dürli milletleriň ýer hakyndaky dawalary, närazylyklaryny geografiki nukdaý nazardan dogry çözmeklige çalyşýar.

**Döwlet ýeri,** munuň özi ýer togalygynda ýerleşen kesgitli erkana döwletiň meýdan-çägi hasaplanýar. Şol ýer döwletiň mülki bolup, islendigiçe peýdalanýar, hem-de ygtyýarlygyny saklaýar. Dölet ýeri şol bir wagtyň özünde onda ýaşaýan raýatlary maddy nygmatlar bilen üpjün edýär. Onuň çäginde halkara kadalara laýyklykda senagat, oba hojalyk, ulag, durmuş hyzmaty kärhanalary gurýar. Gurlan döwlet we hususy kärhanalar tebigata we goňşy döwletleriň daşky gurşawyna zyýan ýetirmeli däldir. Häzirki döwürde bütindünýäde ekologik ýagdaý ýaramazlaşýanlygy sebäpli senagat, oba hojalyk we beýlaki kärhanalaryň arassaçylygyny berjaý etmeli. Senagat taýdan ösen döwletleriň arasynda ekologiki meseleler ýitip syýasy, kä ýagdaýlarda harby meselelere getirmegi mümkin.

Halkara hukuk kadalaryna görä her bir döwletiň ýeri, meýdan-çägi parahatçylykly ýaşamak üçin niýetlenen hasaplanýar. Şonuň bilen birlikde döwletiň meýdan-çägi bütewi we eldegrilmezdir. Ol ýeri güýç ulanyp we synanyşyk edip almaga her bir döwletiň haky ýokdur.

Syýasy geografiki barlaglarda esasy üns berilýän zat döwlet meýdan-çäginiň görnüşini, geografik ýeleşişini ýurtda ýerli önümçilik toplumlary endigan ýerleşdirmek maksady bilen öwrenilýär. Döwletiň paýtagty we senagat merkezleri welaýatdaky, etrapdaky önüm öndürýän oba hojalyk kärhanalaryndan näçeräk daşlykda ýerleşýändigini bilmek zerur. Taýar oba hojalyk önümlerini uzak aralara äkitmez ýaly, olary işleýän kärhanalary golaýrak ýerleşdirmegi maslahat berip bolýar. Etraplaryň ykdysady baglanyşygyna we olaryň dolandyrylyşyna üns berilýär.

**Döwlet ýeri,** meýdan-çägi dogrudan hem çylşyrymly ulgam. Oňa döwletiň araçägidäki gury ýerler, içki we kenarýaka suwlar, gury ýeriň we suwlarynyň üstündäki howa giňişligi (troposfera, stratosfera, ionosfera we ondan ýokarky howa gatlagy) degişlidir. Gury ýeriň we suw çäkleriniň aşagyndaky bölegi, araçägiň aşagy hem döwletiňki hasaplanýar.

**Kenarýaka suwlar** – deňiziň kenarlara golaýlaşýan suw giňişlikleri onuň aşagy, atmosfera howa giňişligi döwletiň ýeri, meýdan-çägi hasaplanýar. 1982-nji ýylda kabul edilen BMG-nyň deňiz hukuklary baradaky konwensiýsynda: “Kenarýaka döwletler özleriniň deňiz çäklerinde ini 12 deňiz mil aralykda hereket edip bilýärler”. Emma daşary ýurt gämilerine ol suwlaryň üstünde parahatçylykly ýüzüşi amala aşyrylýan bolsalar “parahatçylyk geçişi” rugsat edilýär (osnownyýe swedeniýa ob Organizasii Obýedinýonnyh Nasiý: Sprawoçnik; Per. S angliskogo. – M; 1990, s. 90).

Bu konwensiýada halkara ykdysady we syýasy gatnaşyklary tertibe salmak üçin dürli zerur ýagdaýlar berkidilen:

- Deňiz geçelgelerden (bogazlarda) dünýaniň döwletleriniň gämilerine we uçarlaryna "parahatçylykly geçiş" rugsat edilýär. Halkara gämi gatnawynda peýdalanylýan gämiler eglenmesiz we geçelge bilen araçäkleşýän döwletlere howpsyz bolsa, geçelgäniň gyrasynda ýerleşen döwletler gämi gatnawyny, geçişiň beýleki ugurlaryny düzgünleşdirip bilerler;
- "Kenarýaka döwletler deňizlerde we ummanlarda 200 mil aralykda suwuň we suwuň düýbiniň tebigy baýlyklaryny ulanmaga, şol ýerlerde ylmy-barlag işleri amala aşyrmaga hukuklydyrlar. Peýdalanýan suw giňişliklerinde tebigaty goramaga we beýleki döwletleriň gämilerini, uçarlaryny göýbermäge borçlydyrlar."
- Kenarýaka döwletler kontinentiň ýalpak (şelf) ýerleriniň doly hukukly eýesidirler. Deňiz düýbi olaryň milli ýeri bolup barlag we magdan gazyp almak işlerini 200 deňz mili aralykda, käbir zerur ýagadaýlarda 350 deňiz mili we ondan hem köp daşlykda-da amala aşyryp bilýärler. Eger-de kenarýaka döwletler 200 deňiz milinden daşlykda deňiz düýbünden magdan, ýa-da nebit gazyp alsalar onda alýan girdeýjileriň belli-bir bölegini Halkara guramalary bilen paýlaşmalydyrlar (Osnownyýe swedeniýa ob Organizasii Obýedinýonnyh Naziý; Sprawoçnik; Per. S angliýskogo., M., 1990, s. 90).

Kenarýaka döwletleriň köpüsinde kabul edilen kanunlara görä 200 deňiz mil aralyk ykdysady, ýa-da balyk tutulýan zona diýip yglan edilmegi netijesinde, deňiz we umman suw üstüniň 40 % ýeri syýasy taýdan paýlaşylandygyny

aňladýar. Bu paýlaşylan ýer ýeriň üstüniň 26 %-e deňdir. Deňiz we umman baýlyklaryň paýlanyşy deň däl. Sebäbi ykdysady taýdan ösen döwletler açyk deňizlerde we ummanlarda eýelenmedik, köp suw giňişliklere eýeçilik edýärler. Ol ýerlerde nebit we biologiki baýlyklaryň (deňiz jandarlarynyň) köpräk ýerlerine eýelik edýärler. Ykdysady taýdan gowşak ösen döwletlere, olar bilen deňeşdirende, örän az suw giňişlikleri we umman düýpleri degişlidir.

Şeýle bölünişik bir topar dawalara geçýär. Bir tebigy zonadan beýleki zonalara geçýän balyklaryň, deňiz jandarlaryň ätiýaçlygyny seljermek meselelesini hem kynlaşdyrýar. Käbir ykdysady taýdan ösen döwletleriň köp balyk we deňiz haýwanlaryny tutýanlyklary sebäpli olaryň ätiýaçlygy azalýar. Bu öz gezeginde ekologiki, azyk, çig mal, ösýän döwletleriň ykdysady durmuş meselelerini we yzagalaklygyny çözmeklige päsgel berýär. Şu aýdylan meseleleri ylmy taýdan çözmek syýasy geografiýanyň wajyp işi hasaplanýar.

**Döwlet araçägi.** Döwletiň meýdan-çägini häsiýetlendirýän zat onuň döwlet araçägi hasaplanýar. Döwletiň arasynda ylalaşyk boýunça ýörite geçirilen araçäk bolýar. Ol araçäk elmydama goralýar. Araçäk edilmedik, geçirilmedik döwletleriň arasynda ýörite iki tarapyň hem ylalaşygy bilen bellikler edilýär. Döwletleriň syýasy we ýöriteleşdirilen kartalarynda araçäkler görkezilýär we üýitgewsiz hasaplanýar. Käbir döwletleriň arasyndaky araçäkler dag gerişleri, ondaky buzluklar, derýalar, köller boýunça geçýär. Bular ýaly tebigy päsgelçilikleriň bar ýerlerinde germewli ýörite edilýän araçäkleri döretmek kyn. Şol sebäpli döwletler aralarynda ylalaşyp ýer üstünde bellikler edip kartalarda görkezýärler.

Döwlet araçägi bozulmasyz we eldegrilmesiz hasap edilýär. Araçäge güýç ulanmak, ony üýtgetmek gadagan. Araçäk bilen baglanyşykly ähli dawaly meseleler parahatçylykly çözülýär.

**Döwlet araçäginiň bitirýän işi** esasy meseleleriň biri bolup durýar. Döwlet araçägi, ýa-da her hili geografiki araçäk iki sany işi (funksiýany) ýerine ýetirýär. 1.Bölüşdiriji (barýer hökmünde); 2.Baglaşdyryjy (kontakt). Bu işleriň amala aşyrlmagy birnäçe ýagdaýlara bagly: döwlet araçäginiň döremeginiň syýasy şertleri; goňşuçylyk häsiýeti, döwletiň daşky syýasaty we ş.m.

**Bölüşdüriji işi.** Döwlet araçäkleriniň içinde iň işeňňir bölegi hasaplanýar. Barýer işi – döwletiň beýleki ýurtlar bilen özara täsirleri çäklenmeli bolanda amala aşyrylýar. Döwletiň üstüne, onuň raýatlaryna howp abananda araçäk boýunça adamlaryň ýürduň daşyna we içine hereketi çäklendirilmeli bolýar. Haryt, kapital, gazet, žurnal, her hili kitap geçirmekligiň gadagan edilýän wagtlary hem bolýar. Bu esasan döwletde döredilen gümrükhana kanunlary, hukuk çäklendirilmelerine we ýurtda dowam edýän kanunlara laýyklykda amala aşyrylýar.

Daşary döwletlerden köp möçberde haryt getirmek gümrükhananyň we döwlet biržasynyň üsti bilen edilýär. Döwletiň daşyna lomaý haryt çykarylmasy hem döwlet biržasynyň üsti bilen ýola goýulýar. Döwletde çykarylan, işleýän kanun esasynda gadagan edilen harytlar we zatlar ýurduň içine we daşyna hem çykarylmaýar. Bu zatlar ýurduň we onuň raýatlarynyň bähbidi üçin edilýär.

Gadymy döwürlerde döwlet araçägini has berk etmek üçin diwar hem gurlupdyr. Meselem: Hytaý diwary, uzynlygy 4 müň km-e golaý, käbir maglumatlara görä 6 müň km; beýikligi 6,6 m, kä ýerlerde 10 m-e ýetipdir. Bu diwar biziň eýýämimizden öň III asyrda demirgazyk çarwa halklardan goranmak üçin gurlupdyr. Bu diwaryň köp ýerlerinde daşky goňşular we döwletler bilen aragatnaşyk saklar ýaly geçelgeler goýulupdyr. Ol geçelgeler goralypdyr.

1981-nji ýyldaWarşawa şertnamasyna gatnaşyjy döwletleriň maslahaty bilen Berlin şäheriň içinde demir-betondan araçäk dikeldildi. Bu diwar Gb Berlin bilen

Germaniýa demokratik respublikanyň arasynda gurulyp uzynlygy 62 km bolupdyr. Bu diwar GDR-ň halkynyň Gb Berline geçmezligi üçin edilipdir. GDR-de syýasy arakesmeleriň bolmagy bilen (Sanjar we Bitaraplyk aýlary, 1989). 1990-njy ýylda diwar-araçägi aýryldy we tizara iki german döwleti birleşip eke-täk Germaniýa federatiw respublikasy emele geldi.

**Baglaşdyryjy işi.** Biziň günlerimizde döwlet araçägi köp döwletleriň arasynda baglanyşdyryjy işi ýerine ýetirýär. Meselem: Türkmenistan bilen Özbegistanyň arasynda iki ýürduň raýatlarynyň gümrükhananyň üsti bilen arkaýyn geçip we yzyna dolanyp bilýärler. Türkmenistan bilen Eýran arasynda hem edil şolar ýaly ýagdaý saklanýar.

Döwlet araçägi baglaşdyryjy işini Günbatar Ýewropa döwletleriniň arasynda geçen asyryň 90-njy ýyllaryndan bäri amala aşyrylýar. Fransiýanyň, Germaniýanyň, Belgiýanyň, Gollandiýanyň, Lýuksenburgyň we beýleki döwletleriň raýatlary hyzmat edýär.

**Howa araçägi.** Her bir döwletiň araçäginiň ýokarky howa giňişligihem, şol döwletiň eldegrilmesiz döwlet araçägi hasaplanýar. Döwletler biri-birleriniň üstünden howa giňişligini arkaly geçjek bolsalar, hökman öňünden habarlaşýarlar. Rugsat edilenden soň bellenilen ugurlar (paraleller we meridianlar) boýunça geçmeklige ygtyýar edilýär.

## XIV. Türkmenistanyň “oba syýasatynyň” durmuşa geçirilişi.

Özüniň syýasy ulgamyna (sistemasyna) we jemgyýetçilik durluşyna degişliligine garamazdan, her bir döwlet öž ykdysady ösüşinde belli bir maksatlara ýetmegi, göz önüne tutýar. Olary amala aşyrmagyň ýollaryny we serişdelerini belleýär. Eger bellenilen maksatlar hakyky bolup we önümçilik ykdysady gatnaşyklaryň emele gelen häsiýetine

hem-de işçi güýjüniň ösüş mümkinçiligine laýyk gelşe, onda olaryň birmeňzeşligi taglymatyň üstünlikli durmuşa geçirilmeginiň ýeterlik şerti bolup durýan. Oýlanyp tapylan meýilnama özgertmeleriň hakykatyna laýyk gelmedik mahaly ýa-ha meýilnama düzediş girizmek, ýa-da özgertmeleriň netijeli bolmagyny üpjün edýan, emele gelen syýasy, ykdysady, durmuş, institusional hem-de beýleki şertleriň üýtgedilmegi zerurdyr,

“Türkmenistanyň Konstitusiýasyny güýje girizmegiň tertibi hakyndaky” Türkmenistanyň 1992-nji ýylyň maý aýynyň 18-inde güýje girizilen Kanuny tutuşlygyna alnanda ýer-suw hem-de oba özgertmeleriň görnüşlerini, usullaryny hem-de ugurlaryny kesgitleýän Türkmenistanyň , Esasy Kanuny bolup hyzmat etdi.

Konstitusion binýatlara esaslanyp, Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S.A.Nyýazow oba hojalygyny özgertmegiň baş ugurlaryny hem-de ösdürmegiň ölçeglerini işläp düzdi. Bellenilen maksatlara ýetmek boýunça çäreleriň toplumyny teklip etdi. Oba hojalyk syýasatyny jemlenen görnüşde “10 ýyl abadançylyk”, “Däne”, “Täze oba”, “1000 gün” maksatnamalarynda, Halk maslahatlaryndaky, Mejlisdaki (parlament) çykyşlarynda, kararlarynda, permanlarynda, buýruklarynda, ýerine ýetiriji häkimet edaralaryna buýrujy hatlarda we ş.m. beýan etdi. Öňa Türkmenistanyň Prezidenti S.A.Nyýazowyn oba syýasaty diýlip hem atlandyrylýar.

Oba hojalyk pudagyndaky özgertmeleriň maksatnamalaýyň esaslary Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S. A.Nyýazow tarapyndan 1992-nji ýylyň dekabr aýynda beýan edildi. Halk häkimiýetiniň ýokary wekilçilikli edarasy bolan Halk maslahatynyň 1992-nji ýylyň dekabr aýynyň 14-indäki mejlisinde eden çykyşynda ýurdyň Prezidnti “10 ýyl abadançylyk” atly täze syýasatyny yglan etdi. Şonda “… maksat-demokratik, hukuk döwletini döretmek hem-de ýakyn ýyllarda iň ösen ýurtlaryň hataryna goşulmak” diýip belledi

(S.A,Nyýazow. 10 ýyl abadançylyk-agzybirlik, asudalyk,durnuklylyk. Kitap: Garaşsyzlyk, demokratiýa, abadançylyk. 1 kitap, Aşgabat, "Ruh", 1994, s. 12).

Jemgyýetçilik- ykdysady durmuşda esas goýujy düzgünler hökmünde şulary üpjüň etmek bellenildi:

- syýasy durnuklylygy;
- güýçli häkimiýeti we döwlet gözegçiligini;
- meýilnamalaýyn hojalykdan, bazar hojalygyna, jemgyýetçilik eýeçiliginden hususy eýeçilige; geçilmegi;
- milli aýratynlyklary nazara almak bilen, ykdysady özgertmeleri amala aşyrmagy;
- ýerleri giň möçberlerde hususy eýeçilige bermek bilen, hojalygy ýoretmegiň emele gelen iri görnüşlerini saklap galmagy;
- mallaryň baş sanyny saklamak üçin çaklendirmeleri aýyrmagy;
- azyk garaşsyzlygyn gazanmagy;
- ösüşiň tebigy ýoluny.

Türkmenistan garaşsyz döwlet hökmünde dörän pursatyndan başlap, oba syýasaty ýurduň aýratynlygyny, halkyň özboluşlylygyny, onuň adatlaryny, däplerini we taryhy köklerini doly derejede nazara alýak ösüşiň şeýle ülnüsini işläp taýýarlamaga gönükdirildi. Şu ýerden oba özgertmelerini amala aşyrmagyň usullary, ony geçirmegiň möhletleri we häsiýeti, ulanylýan kanunçylyk namalary ýüze çykýar. Ykdysady ösüşiň we ykdysady özgertmeleri amala asyrmagyň meseleleri Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S. Türkmenbaşynyň Ykdysadyýet we maliýe ministrliginiň işgärleri, ministrlikleriň hem-de pudaklaýýn dolandyryş edaralarynyň ýolbaşçylary bilen duşuşygynda ýene bir gezek takyklanyldy. Öz çykyşynda ol şulary belledi; "Biz öz önümizde ilaty öz öndüren azyk önümlerimiz bilen üpjün etmegi, kuwwatly gaýtadan işleýän senagaty döretmegi

maksat edip goýduk. … Biz ösüşiň tebigy ýoluny geçip aldyk. Könäni weýran etmän, gaýtam, tapgyrma-tapgyr özgerdip, biz täze jemgyýeti gurarys. …Biziň ýolumyz aljyraňňlyk ýoly, uçdantutma hususylaşdyrma ýoly däldir. Biziň seçip alanymyz-bazar ykdysadyýetine endigan geçmekdir. Dowam edýan şertleri bozmazdan, biz şolaryň esasynda hususy pudagy, bazar gurluşlaryny emele getireris…”.

Ýurdun, şol sanda oba hojalyk pudagynyň bazar ykdysadyýetine geçmeginiň özboluşly aýratynlyklary hakynda Türkmenistanyň Prezidenti özüniň ýurduň içinde we daşynda eden çykyşlarynda ençeme gezek belledi. Türkmenistanyň Mejlisiniň altynjy maslahatynda parlamentarileriň önünde çykyş edip, Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti S.A.Nyýazow şeýle diýdi; “Hazar biz diňe döwlet häkimi-ýetiniň we dolandyrylyşynyň demokratik ýaşamagy barada düýpli oýlanman, eýsem, özüniň äşgär tapawutlanýar alamatlary bolan biziň döwlet ülňümizi iş ýüzünde durmuşa geçirmek üçin ähli zerur çäreleri hem görmelidiriş.Diňe özümiziň milli aýratynlyklarymyzy nazara alýan kanunlarymyz bize öz maksat edinen döwletimizi, gurmaga kömek edip biler. Daşyndan getirilen, hatda üç esse kämil kanunlaryň hiç biri-de biziň topragymyzda ýasap bilmez.

Halk diňe öz hukuklarynyň we borçlarynyň durmuşa geçirilmeginde organiki talaby görýän şol kanunlara eýerer. Diňe şeýle kanunlary ol ýerine ýetirer we diňe şeýle halatda köpçulik tarapyndan hukuda guşarnyksyz eýeriler-döwlet gülläp ösýän guramaçylykly döwlete öwrüler (Neýtralnyý Türkmenistan,1998, № 118).

Prezidentiň oba syýasatyna köpçülikleýin habar beriş serişdeleri hem şeýle kesgitli baha berýär. Onuň ABŞ-na saparynyň (1998-nj ýylyň aprel aýynyň 19-24-i) netijelerini jemlap, Türkmenistanyň metbugaty şeýle belledi: “Türkmenistanyň öz baştutany S.A.Nyýazow tarapyndan seçilip alnak ýoly ýurdy durnukly ösdürmegiň esasy bolup

durýar. Dünýä tejribesi haýsydyr bir ýurduň, haýsydyr bir döwletiň tejribesiniň şol durşüna alynmagynyň hemişe işlenýän netijeleri bermeýändigini görkezýär. Şona görä-de, Türkmenistan öz ýoluny seçip aldy. Şu babatda öz milli özboluşlylygy, däplere we ýerli şertlere daýanýar.Eger ozalky SSSR-den bölünen käbir ýurtlar ýaly halkara banklarynyň ündemelerine köre-kör eýerilen bolsa, onda şeýle ýagdaýa biziň ýurdumyzyň hem düşjekdigini göz önüne getirmek kyn däldir: onda ýurduň ilatyna mugt gaz, suw, elektrik energiýasyny we duz bermek hakynda gürrüň hem bolup bilmezdi… Durmuş hyt şu ýoluň dogrudygyny görkezdi”( Neýtralnyý Türkmenistan, 1998, №110).

Ahyrky netijede oba syýasaty hojalygy ýoretmegiň bazar ulgamynyň şertlerinde erkin öndurijileriň işlemegi esasynda ýurtda azyk bolçulygyny döretmegi maksat edindi. Häzirki wagtda ony şu esasy ugurlar boýunça ösdürmek bellenýär:

- döwlet oba hojalyk kärhanalarynda kärende gatnaşyklarynyň ulgamyny ösdürmek;
- oba hojalygynda ýerleri hususy eýeçilige we uzak möhleti kärendä bermek esasynda işleýän daýhan (mülkdar) hojalyklaryny döretmek;
- oba hojalyk önümlerini öndürijileri erkin işlemäge kem-kemden mümkinçilik bermek;
- oba hojalyk ugrunyň işgärleriniň işini döwlet tarapyndan duzgunleşdirmegiň we olary goldamagyň ulgamyny kämilleşdirmek;
- oba hojalygynyň energiýa üpjünçiligini ýokarlandyrmak hem-de ýokary öndürijilikli tehnikanyň we tehnologiýalaryň hasabyna önümçilik pudaklaryny döwrebäplaşdyrmak;
- döwlet we jemgyýetçilik gurluşynyň demokratik esaslaryny ösdürmek;
- ilatyň durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmek;

- durnukly syýasy esasy döretmek.

Ýokarda bellenilişi ýaly, tutuşlygyna alnanda, ýer-suw we oba hojalyk özgertmeleri şu işleri düzgünleşdirmekde döwletiň ep-esli wezipeleri arkaly geçirildi. Bir tarapdan, hususy we kärende boýunça ýerden peýdalanmagyň üsti bilen hususy başlangyjyň ösdürilmegi bellenildi. Beýleki tarapdan bolsa, kolhozlar we sowhozlar üýgedilip guraldy we şolaryň binýädynda daýhan birleşikleri döredildi, olaryň işi döwlet tarapyndan doly düzgünleşdirilýär.

Maliý işi babatda hem şeýle. Kärendeçiniň bankda özbaşdak hasaby bar. Öl öz maliýe serişdelerine özbaşdak ygtyýar edýar. Ýöne beýleki tarapdan, kärendeçileriň maliýe ýagdaýyna tutuş Türkmenistan boýunça ýaýran bank gurluşlarynyň giň ulgamy doly gözegçilik edýar. Banklaryň bu bölümleri olaryň girdejileriniň we çykdajylarynyň hasabyny ýöredýär. Her bir kärendeçä bankda hasaplaşyk hasaby açylan, çek kitapçasy berlen. Özi-de şunuň bilen birlikde, bank kärendeçilere buhgalteriýa taýdan hasaba almagyň ýonekeý esaslaryny we bank hem-de maliýe resminamalary bilen işlemegi öwredýär. 1997-nji ýylda döredilen "Daýhanbankyň" agentlikleriniň ulgamy kärendeçilere hyzmat etmek boýunça işini we ýerine ýetirýän amallaryny giňeldýär. Onuň hyzmat edýän müşderileriniň sany artdy. Awtomatlaşdyrylan we kompýuterleşdirilen ulgam işe girizilip başlandy. Bank ýer-suw özgertmeleriniň we oba hojalyk pudagynyň özgermeleriniň barşynda döreýän meselelere barha işjeň aralaşýär. Kärendeçileriň we hususy önüm öndürijileriň işleglerini öwrenýär. Maliýe çeşmelerini oba hojalyk önümlerini öndürmäge gatnaşmaga gönükdirýär.

Ykdysadyýeti döwlet tarapyndan düzgünlesdirmegiň ulgamynda et, süýt, maldarçylygyň we guşçylygyň beýleki önümleri üçin döwlet zakazy ýatyryldy, gök önümleri, bakja önümlerini, kartoçkany miweleri, üzümi öndürmek üçin hem döwlet zakazy ayryldy. Şunuň bilen baglanyşyklylykda

nurhlary emele getirmekde bazar baharlaryny erkin emele getirmek syýasaty ep-esli ösdürildi. Döwlet zakazlary we bellenilen döwletsatyn alyş nurhlary, diňe esasy önümler bolan pagta, bugdaý we şaly üçin öz güýjünde galdy. Emma 2002-nji ýylyň hasylyndan başlap pagta, bugdaý we şaly üçin hem erkin nurhlar girizildi.

Şeýlelikde, bazar ykdysadytine geçilýan döwürde oba hojalyk syýasaty öz mazmuny boýunça gapma-garsydyr. Bir tarapdan, oba hojalygynda wezipesi kem-kemden meýilnamalaýyn giňelýän oba hojalyk önümini öndüriji, beýleki tarapdan bolsa ykdysady işi, ýer-suw we ykdysady özgertmeleri, düzgünleşdirmekde wezipesi kem-kemden peselýän döwlet durýar. "Türkmenistanyň Prezidenti S.Türkmenbaşynyň oba syýasatynda ýer gatnaşyklaryny kämilleşdirmek baş ugra öwrüldi.

Özgertmeleriň barşynda Türkmenistanda emele gelen ýer-suw gatnaşyklarynyň özboluşly aýratynlygy oba hojalyk babatda peýdalanylanda ýerden we suw serişdelerinden iş yuzünde mugt ulanmakdan ybaratdyr. Döwlet irrigasion-melioratiw gurluşyk, suwlulendyrmak we suw üpjünçiligi üçin çykdajylary öz üstüne aldy. Ýer üçin saldygyň simwoliki möçberleri hem-de öndürilen jemi önümden geçirilýär serişdeler diňe döwletiň irrigasion-melioratiw gurluşygy hem-de suwaryş suwuny bermegi üçin çykdajylarynyň öwezini kem-käsleýin dolýar.

# XV. Garassyzlyk yyllarynda Türkmenistanda syýasy geografiýanyň we geosyyasatyn ösüşi.

## 1. Goňşy döwletler bilen ykdysady we syýasy gatnaşyklary ösdürmek.

Dünýäniň dürli döwletleri üçin mahsus bolan daşary ykdysady we syýasy gatnaşyklar biziň döwletimizde hem amala aşyrylýar. Garaşsyzlygyň ilkinji günerinden başlap, Türkmenistanda bu meselä uly üns berildi. Türkmenistanyň ilkinji Prezidentiniň 1992-nji ýylyň 4-nji dekabrynda yglan eden “ 10 Yyl abadançylyk- agzybirlik, asudalyk, jebislik” syýasatynsda belleýşi ýaly: “Geçen bir ýyldan gowrak wagtyň içinde ýüzden gowrak ýurt biziň Garaşsyzlygymyzy ykrar etdi, olaryň birentegi bilen diplomatki gatnaşyklar ýola goýuldy. Eýýäm bir ýyla golaý wagtdan bäri BMG-nyň gözel ymaratynyň üstünde biziň ýaşyl tugumyz padyrdaýar. Türkmenistan Halkara walýuta fondunuň, Ýewopada hyzmatdaşlyk we howpsuzlyk guramasynyň, Yslam konferensiýasy guramasynyň, Ykdysady hyzmatdaşlyk guramasynyň (EKO) we başgada birentek halkara guramalarynyň deňhukukly agzasydyr. (S. Türkmenbaşy. Garaşsyzlyk, demokratiýa, abadançylyk. 10-ýyl abadançylyk- agzybirlik, asudalyk, jebislik. Aşgabat Ruh 1994-nji ýyl, sah. 12.).

Türkmenistan 1924-nji ýyldan bäri Soýuzyň düzüminde “Özbaşdak” respublika bolan hem bolsa, daşary ýurtlar bilen göniden-göni aragatnaşyk saklamaga hukugy ýokdy. Daşary döwletler bilen gatnaşyklary onuň deregine Soýuz amala aşyrýardy.Eger daşary ýurtlara delegasiýa ibermeli bolsa diňe Moskwa rugsat etmelidi. Soýuz respublikalaryň hemmesi beýle däldi. Meselem: Russiýa, Ukraina, Belorusiýa BMG-nyc agzasy hökmünde bu meselede özbaşdak hereket edip bilýärdiler. Olarda daşary döwletleriň ilçihanalary bardy. Türkmenistanda bolsa hiç

hili ilçihana, konsullyk hem ýokdy. Türkmenistan özünde öndürilýän önümleri Soýuza berip, oňa ol eýeçilik edýärdi. Türkmenistan özüniň Soýuza berýän senagat, oba hojalyk önümlerini daşary ýurtlara näçeden satandgyny we ondan näçe girdeýji girýändigini hiç haçan bilmeýärdi. Soramak hem bolanokdy. XX asyryň 90-njy ýyllarynda Türkmenistan merkeze 90 mlrd. kuba metr gaz , jan başyna 400 kg. pagta öndürip berýärdi. Şonda-da bize uly ýygnaklarda “Siz ýalta, sizi Soýuz ekleýär.” diýip aýdýardylar.

Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden başlap Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti daşary döwletler bilen ykdysady we syýasy gatnaşyklary ýola goýdy. Döwletimiziň paýtagty Aşgabatda dünýäniň köp döwletleriniň ilçihanalary, wekilhanalary açyldy. Gaýry döwletler bilen birek-biregi sylamak, hormat goýmak, deňhukuklylyk esasynda ykdysady, söwda, syýasy we medeni gatnaşyklar ýola goýuldy. Soýuz dargandan soň öňki respublikalarda we şol sanda Türkmenistanda hem bir bada ykdysady kynçylyklar emele gldi. Esasan hem azyk önümleri (däne) ýetmezçilik edýärdi. “Däne” progpammasyny kabul edip gysga wagtyň içilde halkymyzy özümizde öndürilýän däne bilen üpjün etmegi ýola goýdy. Ýylsaýyn döwletiň we halkyň kdysady, maddy hal-ýagdaýy gowulanyp başlady. Daşary yur maýadarlaryň kömegi wedöwltimiziň öz mümkinçiliklerine daýanyp Türkmenistan gurluşuk meýdançasyna öwrüldi. Senagatda esasan hem nebit-gaz, elektroenergetika, himiýa we agrosenagat toplumlaryna uly üns berildi.Bu senagat pudaklaynyň öndurýän önümleri blen ýurduň içerki isleglerini kanagatlandyrmak we belli bir bölegni daşrly bazarlara çykarmak meselesi goýulýardy.

Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden başlap Türkmenistanda “Açyk gapylar” syýasaty yglan edildi. Halkyň hal-ýagdaýyny gowulandyrmak bilen ýurtda bazar ykdysadyýetini amala aşyrmaklyk ýla goýuldy. Ýuwaş-

ýuwaşdan hususy eýeçilige geçilip başlandy. Ownukly-irili senagat , durmuş hyzmaty kärhanalary, oba hojalyk ekerançylyk ýerleri hususy eýeçilige berilip beşlandy. Daşary ýurt maýadarlay üçin bileleşen kärhanalary gurmaga ýol açyldy.

Döwletiň içinde haryt ýetmezçligi iki ýol bilen: döwlet we hususy söwda arkaly amala aşyrylyp başlandy. Içki we daşky söwdany kadalaşdyrmak üçin döwlet gümrükhanalary we söwda biržalary döredildi.

**2.Döwlete zerur senagat we oba hojalyk önümleri getirmek**.

Turkmenistan ýaly ýaşgraşsyz döwlet üçin daşarky we içerki söwdanyň ahmiýeti uly. Ykdysady taýdan has ösen döwletler hem daşky söwdasyz öz ykdysadyýetini ösdürip bilmezler. Şol sebäpli daşky we içki söwda döwletleriň hemmesi üçin hemmä mahsus zat.

Garaşsyzlygyň ilkinji günlerinden başlap häzirki günlere çenli daşary döwletlerden getirilýän önumleriň arasynda ayk önümleriesasy orunlaryň birini eýeleýär. Geçen 10 ýylyň ilkinji böleginde getirilýän azyk önümleriň içinde esasy orny miwelwr, ir-imişler, konditer, ýag , içki, mürepbe, süýji-köke, et, peýnir we çaý, siturus önümleri eýeleýär. Soňky ýyllarda “Galla” maksatnamasy amala aşyrlaly bäri getirilýän unuň möçberi ep-esli azaldy. Özümizde öndürilýän ak bugdaýyň uny dünýä bazarynda islendik un bilen bäsleşip biler. Ýurdumyzda azyk maksatnamasy boýunça azyk önümleriň dürli görnüşlerini öndürmeklige uly üns berilýär. Azyk önümleri Eýrandan, Russiýadan, Ukrainadan, Gruzýadan, Hytaýdan, Türkiýeden, Baltika döwletlerinden, Germaniýadan, ABŞ-dan we başgada birnäçe döwletlerden getirilýär.

Döwletimizde senagat önümlerinden halkyň durmuş maksatlary üçin ulanylýan harytlary, zawod-fabrikler üçin gerekli enjamlar her-hili ulaglar, olaryň gerekli saýlary,

himiýa senagat toplumlary üçin enjamlar, aragatnaşyk serişdeleri, elektrik hasaplaýjy maşynlar, oba hojalyk maşynlary we olara gerekli şaýlar ýeňil senagat önümler, aýakgaplaryň dürli görnüşleri, oba hojalykda ulanlýan himiki serişdeler, her dürli medisina enjamlary we dermanlary getirilýär. Dürli enjamlar, tehniki serişdeler we tilsimatlar Russiýada, Ukrainada, ABŞ-da, Türkiýeden, Germaniýadan, Fransiýadan, Eýrandan, Şwesiyadan , Hytaýdan, Ýaponiýadan, Beyik Britaniýadan, Şwesariýadan, Kiprden, Birleşen Arap Emiratlaryndan, Azyrbeýjandan we başgada birnäçe döwletlerden alynýar.

**3.Döwletiň taýýar önümlerini daşarky bazara çykarmak.**

Türkmenistanyň özbaşdaklygyny gazanaly bäri, onuň daşary döwletle bilen ykdysady, söwda gatnaşyklary artýar. Hyzmatdaşlyk edýän döwletleriň sany ýyl geldigiçe köpelýär. Bu ykdysay gatnaşyklary öwrenmek ykdysady w durmuş geografiýanyň esasy meseleleriniň biri bolup durýar.

Türkmenistanyň daşary syýasatynyň easy bölegini senagat önümleri we oňa gerekli çig mallar, agrosenagat toplumynyň önümleri tutýar.

Senagat önümlerinden dünýä bazaryna nebit we onuň dürli önümleri ( L-62, L-40 ýangyjy, TS-1 awiakerosini, dizel-çalgy ýaglary, awtomobil benzini, çyra krosini, dizel ýangyjy, peç mazudy, elektrod koksy, nebit bitumy.) tebigy gaz, suwuklandyrylan tebigy gazbentonit, meroblit, kükürt kaliý, nahar duzylary iberilýär. Agrosenagat toplumynyň önümlerinden esesy orny pagta süýümi, ýüplügi, taýýar mata, egin-eşikler, ýüň, deri, ary baly, buýan köki, bagana, haly, miwe, gawun-garpyz ýaly önümleri dünýäniň köp döwletleri satyn alýarlar. Häzirki wgtda Türkmenistan dünýäniň ýüze golaý döwletleri bilen söda gatnaşyklaryny

amala aşyrýar. Daşary söwdanyň gymmaty 4 mlrd. Amerikan dollaryndan geçýär.

**4.Birek-birege ykdysady kömek bermek üçin halkara guramalaryň ähimiýeti.**

Türkmenistan özbaşdaklygyny gazanandan soň ilkinji döwletleriň hatarynda Türkýe we goňşy Eýran döwletleri Garaşsyzlygymyzy ykrar etdiler. Hem-de Türkmenistan bilen ykdysady gatnaşyklary ýola goýdular. Ükmenistan GDA döwletleriniň guramasyna, olaryň käbir geçirýän işlerine synçy hökmünde gatnaşdy.

1985-nji ýylda Eýran, Päkistan, Türkiýe döwletleri Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasyny (EKO-ny) döredipdiler. 1992-nji ýylyň 16-17-nji fewralynda Tährandа bolan duşuşykda Türkmenistan we merkezi Aziýa döwletleri oňa girmäge meýil bildirdiler. 1992-nji ýylyň noýabryndan bäri Türkmenistan bu Ykdysady Hyzmatdaşlyk guramanyň doly hukukly agzasy boldy.

1996-njy ýylyň maý aýynda onuň duşuşygy Aşgabatda geçirildi. Onuň öň ýany Tejen-Saragt-Maşat demir ýoly işe girizildi. Oňa EKO-nyň agzalarynyň döwlet ýolbaşçylary we 50-den gowurak döwletleriň hökümet we parlament delagasiýalary gatnaşdylar. Soňra 2000-nji ýylyň 9-10-njy iýulynda Tährandа EKO-nyň 6-njy maslahaty bolup, onda Türkmenistanyň Prezidenti çykyş etdi. Gürrünimiziň başynda belleýişimiz ýaly Türkmenistan BMG-nyň dürli bölümleriniň agzasy bolup olaryň amala aşyrýan işlerine işeňňir gatnaşýar.

**5. Döwletleriň içki işlerine gatyşmazlyk “Bitaraplyk” syýasaty.**

Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambileýasynyň 50/80A bellikli “Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy” 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda 185 döwletiň adyndan biragyzdan kabul edildi. Bitaraplyk- döwletiň aýratyn halkara-hukuk durum derjesini

aňladýar.Bitaraplyk dürli-dürli bolup bolup bilýär. Mysal uçin Ewendual bitaraplyk diýmek döwletiň anyk-takyk bir urşa gatnaşmazlygydyr.Uruş döwründe Bitarap döwletiň hukugy -borçlary halhara resmi namalaryň birgiden
bilen rejä getirilýär. Olar Gaaga (1899,1907ý) we Jenewa (1949ý) konferensiýalarydyr.

Hemişelik Bitaraplyk diýmeklik döwletiň özi hiç wagt goňşy döwletleriň üstüne uruş etmezligi, özüniň içki ýagdaýlaryny we araçägini goramak üçin çäkli goşunynyň bolmagy, uruş etjek bolýan döwletleriň hataryna göşulmazlyk ýaly borçlary öz üstüne alýar. Parahatçylyk wagtynda hem hemişe Bitarap döwlet harby bileleşiklere we toparlara gatnaşmaýar. Őz çäginde daşary döwletleriň goşunlaryny, harby merkezlerini ýerleşdirmäge rugsat bermäge haky ýok. Şu şerleri ýerine ýetirmek üçin döwletiň garaşsyzlygy, çäk bütewiligi hem-de hemişelik Bitaraplygy göwä geçýär, beýleki döwletler tarapyndan ykrar edilýär.

Ikinji jahan urşundan soň garaşsyzlygyny alan döwletleriň köpüsi harby bileleşiklere girmezlik syýasaty alyp bardylar. Şeýlelikde “oňyn Bitaraplyk”, “konstruktiw Bitaraplyk”, “goşulmazlyk”, “parahatçylyk döwrüniň Bitaraplygy” ýaly düşunjeler we adalgalar ýüze çykdy.

Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti “Bitaraplyk” sözüni ilkinji gezek 1992-nji ýylyň 10-njy iýulynda Helsinkide Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (ÝEHHG-niň) konferensiýasyndaky çykyşynda gatnaşyjylara mälim etdi. Döwletimiziň oňyn Bitaraplyk ýörelgesi esasan iki zat : geosyýasy we geoykdysady şertleri bilen kepillendirildi. Türkmen halky ata-baba parahat, dawa jenjelsiz, asuda, goňşy-golam bilen agzybir ýaşamagy gowy görýän halk. Ikinjiden, Türkmenistanyň tebigaty güneşe, uglewodorod çig mallara baý. Türkmenistanyň düzlük bölegi niň jümmüşi nebite we tebige gaza örän baý. Munuň diňe 1/3 böleginde 21 trillýon kuba metr gaz we 12 milliard tonna nebitiň bardygy anyklanyldy. Galan

ýerleri hem geologiýa taýdan oňat öwrenilse, Türkmenistan uglewodorod ätiýaçlyklary boýunça dünýäde öňdäki hatarlara geçer. Şu nukdaý nazardan alanyňda, has ösen döwletleriň ýurdumyza betniýetli göz gyzdyrmaklaryny we ykdysady basdaşyklaryny, gysyş görkezmelerini arada aýyrmak üçin, has akyllylyk bilen oýlanylyp tapylan we alynyp barylýan syýasat diýip bolýar. Geosyýasy nukdaý nazardan alanyňda Tükmenistanyň Ýer togalagynyň gyzgyn nokatlaryna ( Täjigistana, Owganystana, Ýakyn Gündogar ýutlaryna) golaý ýerleşmegidir. Türkmenistany harby bileleşiklere çekmek howpy bolmagy mümkin zatdy. Sizin bilişiňiz ýaly Türkmenistan 1992-nji ýylyň maýynda Daşkentde GDA döwletlerinň ähliumumy howsuzlyk şertnamasyna gol çekmedi. Netijede-de Türkmenistanyň goşunlarynyň haýsydyr bir harby hereketlere gatnaşmak meselesi aradan aýryldy. Türkmenistanyň günorta araçäklerini öň rus esgerleri goran bolsa, indi öz serhet goşunlarymyz goraýar. Türkmenistanyň ilkinji Prezidentiniň oňyn bitaraplyk syýasaty 1995-nji ýylyň 15-nji martynda Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasynyň agzalarynyň döwlet baş tutanlarynyň Yslamabatda geçen 3-nji duşuşygynda hem gyzgyn goldanyldy. Şol duşyuşykda Türkmenistanyň hemişelik bitaraplyk durum derejesiniň ähli borçlarynyň Türkmenistanyň Baş kanunynyň öz üstüne alýandygyny äşgär etdi.Degişli halkara zerurlyklary bolan ýagdaýynda sebitdäki ylalaşygyň, meseleleriň parahatçylyky çözülýän merkezi bolmaga taýýardygyny nygtady. Şol maslahata gatnaşan döwlet ýolbaşçylary Türkmenistanyň bu hoşniyetli beýannamasyny goldadylar. Gerek ýagdaýynda halkara ýygnanyşyklarda Türkmenistanyň bu niýetlerini biragyzdan goldajakdyklaryny ýatlatdylar. Munuň yzy süre Türkmenistanyň bu teklibini Rossiýa, Fransiýa, Beýik Britaniýa,Germaniýa, Hytaý halk respublikasy, Hindistan, Indoneziýa, Malaziýa, Awstriýa, Rumyniýa, Müsür, Ysraýyl,

Ukraina, Ermenistan, Çehiýa başgada birnäçe döwletler goldadylar.

Soňra 1995-nji ýylyň 20-nji oktýabrynda Goşulyşmazlyk hereketiniň gatnaşýan döwletletiň döwlet we hokümet baştutanlarynyň Kolumbiýanyň Kartohen şäherinde geçen duşuşygynda Türkmenistany bu hereketiň doly hukukly 114-nji agza döwleti diýip kabul etmekden başga-da, onuň bitaraplyk syýasaty duşuşyga gatnaşanlaryň hemmesi tarapyndan goldanyldy. Soňra BMG-nyň Baş Assambleýasynyň 50-nji toý sessiýasynda Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Bitaraplyk syýasatynyň many-mazmuny barada çykyş etdi. Onuň çykyşyny 185 döwletiň wekilleri bir agyzdan makulladylar. Şeýlelikde 1995-nji ýylyň 12-nji dekabry "Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy " Ykrarnamasynyň kabul edilen güni hasaplanýar. Ony Türkmenistanyň ähli halky her ýyl baýramçylyk hökmünde belläp geçýär.

# Edebiỳatlar

**1.** Berdimuhammedow G.M. “Türkmenistanda saglygy goraýsy ösdürmegin ylmy esaslary”. Asgabat, 2007.

**2.** Berdimuhammedow G.M. “Türkmenistan – sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy”. Asgabat, 2007.

**3.** Türkmenistanyň Prezidenti G. Berdimuhammedowyň Ministrler Kabinetiniň göçme Mezlisinde sözlan sözi. (2009 ý, 12-nji iýul).

**4.** Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy.Ruhnama.Aşgabat, 2001

**5.** Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy. II kitap. Ruhnama.Aşgabat, 2004

**6.** Golubçik M.D. Politiçeskaýa geografiýa mira. Uçebnoýe posobiýe. Smolensk, 1998

**7.** Turowskiý R.F. Politiçeskaýa geografiýa. Uçebnoýe posobiýe. M.; Smolensk, 1999

**8.** Lawrow S.B., Mežewiç N.M. Politiçeskaýa geografiýa SSSR I mežnasionalnyýe otnoşeniýa: poisk nauçnyh osnow // Politiçeskaýa geografiýa I sowremennost. Regionalnyýe I prikladnyýe aspekty. – CPb, 1991

**9.** Zaýas D.W. Sowremennyýe oçagi seperatizma. // Geografiýa. – 1998, N48, s.11-14

**10.** Slewiç S.B. Politiçeskaýa geografiýa okeana (Woprosy teorii)

**11.** Politiçeskaýa geografiýa I sowremennost: tendensii stanowleniýa nauçnogo naprawleniýa. – L., 1988

**12.** Kaledin N.W. Politiçeskaýa geografiýa: istoki, problemy, prinsipy nauçnoý konsepsii. SPb, 1995

**13.** Kolosow W.A. Politiçeskaýa geografiýa: problemy I metody. L., “Nauka”, L., otdeleniýe, 1988

**14.** Lawrow S.B., Mežewiç N.M. Politiçeskaýa geografiýa SSSR I mežnasionalnyýe otnoşeniýa: poisk nauçnyh osnow // Politiçeskaýa geografiýa I sowremennost. Regionalnyýe I prikladnyýe aspekty. – CPb, 1991
**15.** Родионова И.А., Бунакова Т.М. Экономическая география. М., Московский лицей, 1999, с.10-90
**16.** Экономическая география зарубежных стран. М., Высшая школа, 1982, с.5-13
**17.** Migolatýew A.A. Imperializm: stawka na woýnu. M.,Woýenizdat, 1985
**18.** Ekonomiçeskaýa i sosialnaýa geografiýa stran bližnego zarubežýa. Posobiýe dlýa wuzow. M., "drofa", 2004
**19.**Çuntulow W.T.,N.S.Kriwsowa, A.W.Çuntulow, W.A.Týuşew. Ekonomiçeskaýa istoriýa SSSR. M., "Wysşaýa şkola", 1987
**20.** Politiçeskaýa i woýennaýa geografiýa., M., Wo 1980
**21.** Ekonomiçeskaýa I sosialnaýa geografiýa. M., WLADOS, 2003
Türkmenistany ykdysady, syýasy we medeni taýdan ösdürmegiň 2020-nji ýyla çenli döwür üçin Baş ugry Milli Maksatnamasy.
**22.** "Nesil" gazeti. 2003-nji ýylyň Alp Arslan aýynyň 28-i.
**23.** Stançin I., Lerman Z. Türkmenistanda oba özgertmeleri. Izrail-Rehowot-2003
**24.** "10 ýyl abadançylyk-agybirlik, asudalyk, jebislik. Garaşsyzlyk, demokratiýa., abadançylyk. Aşgabat, Ruh, 1994 э. sah12.
**25.** Bitarap Türkmenistan M, Signal, 1996 ýyl.
**26.** Bitarplyk taglymaty, onuň taryhy esaslary we döwletiň syýasatynyň baş ugry hököminde orny. Türkmenistanyň Garaşsyz Türkmenistanyň Bitaraplygynyň şanly 5 ýyllyk baýramçylygy mynasybetli leksiýa bilen çykyşy.

**27.** Halkara ykdysady we syýasy gatnaşyklary ösdürmek meseleleri . ( 2000-nji ýylyň 1-nji dekabry.) Demokratyýa we hukuk žurnaly. N 12, sah. 4-21.
**28.** Garajaýew Jumanazar. Beýik ýurduň belent derejesi. “Türkmenistan” gazýeti, N 310, 2001-nji ýylyň 4-nji dekabry, sah. 3.
**29.** Гладкий Ю.Н. Лавров С.Б. Экономическая и социальная география
**30.** Экономическая и социальная география зарубежных стран. Теоретические проблемы. Учебное пособие. Москва, 1995
**31.** Любимов И.М. Общее политическая, экономическая и социальная география. Москва, «Гелиос АРВ», 2001
**32.** Бутов Б.И. Экономическая и социальная география мира. Москва,, «Просвещение», 2003.
**33.** Алисов Н.Б., Экономическая и социальная география мира (общий обзор). Учебник. Москва, 2004
**34.** Страны мира. Социально-экономический словарь. Минск, «Миринда», 2004 мира. Москва, 2000

## Mazmuny

Giriş……………………………………………………..7
1. Dersiň maksady we wezipeleri……………………………9
2. Syýasy geografiýanyň ösüş aýratynlygy…………………14
3. Syýasy geografiýanyň ylmy ugur we okadylýan ders hökmünde döremegi………………………………………21
4. “Geosyýasat”-ykdysady taýdan ösen döwletleriň esasy syýasaty hökmünde ………………………………..25
5. Dünýäniň syýasy kartasynyň XX asyryň başyna çenli ýagdaýy……………………………………………28
6. I-jahan urşunyň baslanmagynyň ykdysady we syýasy sebäpleri ………………………………………..32
7. Dünýäde sosialistik ulgamyň döreýşi we ösüşi. Imperializmiň kolonial ulgamynyň ýykylmagy…….38
8. II-nji jahan urşundan soňra dünýaniň syýasy kartasynyň üýtgemegi……………………………………..44
9. Dünýäniň syýasy kartasynda döwletiň çäginiň tutýan orny……………………………………………...48
10. Durmuş-ykdysady araçäkler we syýasy-ýerli bölünişikler……………………………………………51
11. Ykdysady taýdan ösen kapitalistik döwletlerde syýasy-ýerli bölünüşik üçin göreşler…………………………………...61
12. Ösýän döwletlerde milletleriň birleşmeginde syýasy-ýerli bölünişikleriň ähmiýeti……………………………………..67
13. Meydan-çäk bölünişik we giňişlik boýunça alnyp barylýan syýasatlar……………………………………..69
14. Türkmenistanyň “oba syýasatynyň” durmuşa geçirilişi…………………………………………………74
15. Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanda syýasy geografiýanyň we geosyýasatyň ösüşi……………………81
Edebiýat………………………………………………………89
Mazmuny……………………………………………………..92